TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÝURDUMYZDA HEREKET EDÝÄN ENERGIÝA ULGAMYNY HALKALAÝYN BIRLEŞDIRMEK BOÝUNÇA TASLAMANYŇ DURMUŞA GEÇIRILMEGI GARAŞSYZ TÜRKMENISTANYŇ ENERGETIKA PUDAGYNYŇ TARYHYNDA ULY WAKADYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
7-nji iýun, 2024. Belgisi 23/1589



5-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Daşoguz welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, ýurdumyzda bitewi halkalaýyn energoulgamy döretmegiň taslamasynyň çäginde gurlan Balkan–Daşoguz ugry boýunça täze howa elektrik geçirijisini we her biriniň güýjenmesi 500 kilowolt bolan elektrik beketlerini işe girizmek dabarasyna gatnaşdy.

# DIÝARYMYZDA BIR BITEWI HALKALAÝYN ENERGIÝA ULGAMY EMELE GELDI

Irden hormatly Prezidentimiz dabaranyň geçirilýän ýerine geldi. Hemmeler uly ruhubelentlik bilen Arkadagly Gahryman Serdarymyzy mübärekleýärler. Sungat ussatlarynyň joşgunly aýdym-sazly kompozisiýasy baýramçylyk şowhunyny has-da artdyrýar.

Döwlet Baştutanymyz dabara üçin ýörite taýýarlanan zalda täze elektroenergetika desgalarynyň işe girizilmegi mynasybetli dabara gatnaşyjylaryň öňünde çykyş etdi. Hormatly Prezidentimiz Daşoguz welaýatynda ýurdumyzda hereket edýän bitewi energiýa ulgamyny halkalaýyn birleşdirmek maksady bilen, Balkan–Daşoguz ugry boýunça ýokary woltly asma elektrik geçirijisiniň we elektrik beketleriniň açylyp ulanmaga berilýändigini belledi. Şeýle hem Daşoguz şäherinde bina edilen döwrebap ýaşaýyş jaýlary dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berler. Welaýatyň ilatyna ýokary hilli hyzmat etjek täze 200 sany ýolagçy awtobusyny hem sowgat hökmünde gowşurarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we hemmeleri bu şatlykly wakalar bilen tüýs ýürekden gutlady.

Ýurdumyzyň energetika syýasatyna laýyklykda, içerki sarp edijileri elektrik energiýasy bilen ygtybarly we bökdençsiz üpjün etmek, türkmen elektrik energiýasyny diwersifikasiýa ýoly bilen daşary ýurtlaryň sarp edijilerine ibermek, täze energiýa kuwwatlyklaryny döretmek, paýlaýjy ulgamlaryň tehniki ýagdaýlaryny gowulandyrmak, hereket edýän bitewi milli energiýa ulgamyny halkalaýyn birleşdirmek boýunça işler alnyp barylýar diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz belledi. Hormatly Arkadagymyzyň elektroenergetika pudagyny ösdürmek babatda başyny başlan tutumly işleri häzirki döwürde giň gerimde dowam etdirilýär. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», şeýle hem ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy esasynda energetika pudagyny ösdürmek boýunça işler üstünlikli amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, maksatnamalara laýyklykda, ýurdumyzda hereket edýän elektrik stansiýalaryny utgaşykly dolanyşyga geçirmek, utgaşykly dolanyşykda işleýän täze elektrik stansiýalaryny gurmak meýilleşdirilýär. Häzirki wagtda Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda kuwwaty 1574 megawat bolan utgaşykly dolanyşykda işleýän elektrik stansiýasynyň gurluşygy alnyp barylýar.

Türkmen energiýa serişdeleriniň daşary ýurtlara iberilýän möçberini we ugurlaryny artdyrmak maksady bilen, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan elektrik geçirijisiniň taslamasy hem üstünlikli durmuşa geçirilýär. Elektroenergetika pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýady döwrüň talaplaryna görä pugtalandyrylýar. Önümçilige döwrebap tehnologiýalar ornaşdyrylyp, elektrik energiýasynyň öndürilýän möçberi yzygiderli artdyrylýar. Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynda Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkeziniň işe girizilmegi hem elektrik stansiýalarynyň bökdençsiz işledilmegine uly mümkinçilik berýär.

Döwlet Baştutanymyz çykyşynda ýurdumyzyň energiýa kuwwatlyklaryny sebitleriň arasynda paýlamak, elektrik geçirijileriň kadaly işlemegini gazanmak maksady bilen, halkalaýyn ulgamy döretmek wezipesiniň öňde goýlandygyna we bu ugurda netijeli işleriň alnyp barlandygyna ünsi çekdi.

Türkmen energiýa gurluşykçylarynyň ýadawsyz zähmeti netijesinde, bu taslamanyň birinji tapgyry bolan Ahal–Balkan bölegi 2021-nji ýylda amala aşyryldy. Taslamanyň ikinji tapgyry, ýagny Mary–Ahal bölegi 2023-nji ýylda işe girizildi. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda bu taslamanyň üçünji tapgyry bolan Balkan–Daşoguz böleginiň gurluşygy hem tamamlanyp, ulanmaga berilýär. Bu tapgyrda her biriniň güýjenmesi 500 kilowolt bolan «Balkan» we «Daşoguz» elektrik beketleri hem guruldy. Ýurdumyzda hereket edýän energiýa ulgamyny halkalaýyn birleşdirmek boýunça taslamanyň durmuşa geçirilmegi Garaşsyz Türkmenistanyň energetika pudagynyň taryhynda uly wakadyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýratyn nygtady.

Bu taslamanyň üstünlikli amala aşyrylmagy bilen, Diýarymyzda bir bitewi halkalaýyn energiýa ulgamy emele geldi. Bu bolsa içerki sarp edijileri elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmäge, ýurdumyzyň dürli künjeklerinden daşary ýurtlara elektrik energiýasyny ibermäge mümkinçilik berer diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we zähmetsöýer türkmen energiýa gurluşykçylaryna bu möhüm taslamany üstünlikli amala aşyrandyklary üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz Balkan–Daşoguz ugry boýunça ýokary woltly asma elektrik geçirijisiniň we täze elektrik beketleriniň işe girizilmegi, şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda hereket edýän bitewi energiýa ulgamynyň halkalaýyn birleşdirilmegi, täze ýaşaýyş jaýlar toplumynyň açylyp ulanmaga berilmegi, döwrebap ýolagçy awtobuslarynyň sowgat berilmegi bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra uly monitorda elektrik energiýasyny öwürmek we paýlamak üçin hyzmat edýän elektrik beketleri, şeýle hem Daşoguz we Balkan welaýatlaryny özara birikdirjek täze howa elektrik geçirijisi bilen tanyşdyrýan ýörite wideofilm görkezildi.

Wideofilm tamamlanandan soňra, daşary ýurtly myhmanlara söz berildi. Ilki bilen, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Fraunhofer adyndaky Energetika ykdysadyýeti we energiýa ulgamlary tehnologiýasy institutynyň baş geňeşçisi, doktor Harald Apel çykyş etdi.

Myhman Garagum sährasynyň kyn şertlerinde türkmen energogurluşykçylarynyň şeýle ýokary woltly asma elektrik geçirijisini we beketlerini gurup, ulanyşa taýýar etmekleriniň bu pudagyň işgärleriniň jogapkärli işleriň hötdesinden gelip bilýändiklerine, olaryň baý tejribesiniň bardygyna şaýatlyk edýändigini belledi. Harald Apel halkalaýyn energoulgamy gurmakda ulanylan enjamlaryň ýokary hilini tassyklaýan güwänamany gowşuryp, hormatly Prezidentimize Türkmenistanyň energetika diplomatiýasyny üstünlikli durmuşa geçirmekde alyp barýan işlerinde rowaçlyklary arzuw etdi.

Soňra GFR-iň «Duisburg-Essen» döwlet uniwersitetiniň uly mugallymy Bernd Reinhold Rosine söz berildi.

Ol şu günki dabara gatnaşmak mümkinçiliginiň döredilendigi üçin hoşallygyny beýan edip, şeýle iri taslamalary üstünlikli durmuşa geçirýän Garaşsyz Türkmenistanyň gazanýan üstünliklerine ýokary baha berýändigini aýtdy we halkalaýyn energoulgamyň inženerçilik işleriniň durnuklylygyny, ýokary netijeliligini tassyklaýan güwänamany buýsanç bilen gowşurdy.

Soňra söz nobaty GFR-iň DEKRA institutynyň sebitleýin direktory hanym Ýulia Otta berildi.

Myhman Türkmenistana gelip görmek we şu günki dabara gatnaşmak baradaky çakylyga çuňňur hoşallygyny bildirdi we Garaşsyz Türkmenistanda halkalaýyn energoulgamyň döredilendigi baradaky ýakymly habaryň Germaniýanyň bu ylmy-barlag institutynda uly gyzyklanma döredendigini aýtdy. DEKRA Energetika hartiýasynyň agzasy bolmak bilen, dünýäde gurulýan energetika desgalarynda ulanylýan tehnologiýalaryň hiline aýratyn üns berýär. Ýulia Otto halkalaýyn energoulgamda gurlan beketleriň ýokary tehnologiýalylygyny we howpsuzlygyny tassyklaýan güwänamany gowşuryp, döwlet Baştutanymyza berk jan saglyk, uzak ömür arzuw etdi.

Dabaranyň resmi bölegi tamamlanandan soňra, döwlet Baştutanymyz mejlisler zalyndan çykyp, bu möhüm waka mynasybetli demirgazyk sebitiň ýaşaýjylaryna sowgat berlen täze awtobuslaryň açarlaryny Daşoguz welaýatynyň häkimine gowşurdy. ■ 2

## Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň täze neşiri çapdan çykdy



5-nji iýunda bellenilip geçilen Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä gününe gabatlanyp Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň 4-nji neşiri çap edildi.

Türkmenistanyň Gyzyl kitaby ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýagdaýyny takyk görkezmek bilen, ýurduň biodürlüliginiň san taýdan üýtgeýşiniň möhüm görkezijisidir. Resmi taýdan kabul edilen nama hökmünde onda ýurduň ýabany ösümlikleriniňdir haýwanlarynyň seýrek duş gelýän, sany azalýan hem-de ýitip gitmek howpy abanýan görnüşleriniň tebigatdaky sany, ýaýrawy, ýagdaýy we gorag çäreleri barada bir nusga getirilen maglumatlar berilýär. ■ 2

## «Ýaşyl» geljege gönükdirilen hyzmatdaşlyk

*5-nji iýunda paýtagtymyzdaky «Arçabil» myhmanhanasynda «Uglewodorod ýataklaryny özleşdirmekde innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagyň ekologik jähetleri» atly halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi. Ol «Türkmengaz», «Türkmennebit» döwlet konsernleri we «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy tarapyndan guraldy.*

Foruma pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, nebitgaz ugurly işewür düzümleriniň, maliýe institutlarynyň hünärmenleri, bu ulgamda işleýän kompaniýalaryň bilermenleri, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, daşary ýurtly myhmanlar we beýlekiler gatnaşdylar. Şu gezekki maslahat bu ulgamda işleýän dürli milli hem-de daşary ýurt kompaniýalarynyň wekillerini bir ýere jemledi. Olar halkara, sebit we ýurt derejesindäki ýangyç-energetika toplumynyň geljegi bilen baglanyşykly strategiýany işläp düzmek meselesi boýunça çykyş etdiler. Şeýle hem dünýäniň nebit bazaryndaky işleriň ýagdaýy, bu ugurdaky marketing strategiýalary baradaky seljerme-syn maglumatlary bilen tanyşdyrdylar, toplan tejribelerini, täze işläp taýýarlamalary paýlaşdylar. Maslahatyň maksady Türkmenistanyň daşky gurşawy goramaga hem-de iri energetika kompaniýalarynyň, halkara guramalaryň, ylmy jemgyýetleriň we maliýe institutlarynyň arasynda «ýaşyl» geljege gönükdirilen halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

TESC 2024
TURKMEN ENERGY SCIENTIFIC CONFERENCE

«Energetika mümkinçilikleri, uglewodorod ýataklaryny özleşdirmegiň täze tehnologiýalary we jähetleri» atly umumy mejlisiň dowamynda bilermenler bu maslahatyň energetika diplomatiýasyny ösdürmegiň geljegine baha bermäge mümkinçilik berýändigini aýdyp, täze tehnologiýalary döretmegiň we arassa energiýa geçmegiň, ileri tutulýan ugurlary gözden geçirmegiň, energetika howpsuzlygynyň, daşky gurşawy goramak meselelerini çözmegiň zerurdygyny nygtadylar.

Mejlisiň dowamynda hünärmenler nebit senagatynyň işiniň ekologik taýdan arassalygyny üpjün etmegiň zerurdygy bilen baglylykda, ulanylýan tehnologiýalaryň adamyň daşky gurşawy goramak işjeňligine goşant goşmalydygyny nygtadylar. ■ 2

**12-nji iýun – Ylymlar güni**

## Ylym – ýurduň ykdysady kuwwatynyň görkezijisi



Her ýylyň 12-nji iýunynda ýurdumyzda giňden bellenilýän Ylymlar güni ylmy barlaglaryň ähmiýetini we olaryň ýurduň ösüşine goşýan goşandyny görkezýän sene hökmünde ähmiýetlidir. 2008-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen döredilen bu sene ylym ulgamyny dünýä derejesine çykarmaga, zehinli alymlaryň işini höweslendirmäge we ylmy-tehnologik ösüşi ilerletmäge gönükdirilendir. ■ 2

### Aýdan toprak getirer

Hytaýyň «Chang'e-6» kosmiki gämisi ýany bilen topragyň gymmatly nusgalaryny alyp, Aýyň arka ýüzünden üstünlikli uçup gaýtdy diýip, Hytaýyň Milli kosmos gullugy habar berdi. Modulyň esasy wezipesi taryhda ilkinji gezek iki günüň içinde Aýyň arka tarapyndan toprak nusgalaryny ýygnamak we Ýere dolanmakdyr. ■ 4

### Dünýäniň iň yssy ýurtlary: «Bu ýurtlarda hiç kim üşemeýär»

Dünýä ýurtlarynyň hersiniň özüne mahsus tebigy gurşawy we howa guşaklygy bar. Käbir ýurtda birnäçe howa guşaklygy bar bolsa, käbiri şol bir howa guşaklygynda ýerleşýär. ■ 5

### «Real Madrid» 15-nji gezek Çempionlar Ligasynyň çempiony

UEFA-nyň klub derejeli birinji ýaryşynda Londondaky «Wembley» stadionynda geçirilen finalda «Borussiýa Dortmund» toparyny ýeňen «Real Madrid» topary 15-nji çempionlygyny baýram etdi. ■ 7

### Toparlaryň täze tälimçileri

Ýewropada 2023/2024 futbol möwsümi ähli ýurtlarda tamamlanyp, hemmäniň ünsi ýene-de bir hepdeden başlanjak EURO 2024-e gönükdirildi. 2023/24 möwsümi käbir klublar üçin şowly tamamlanan bolsa, elbetde, käbir klublar üçinem juda şowsuz ýa-da garaşylyşyndan pes geçdi. ■ 8

## Suwasty internet geçirijisi gurlar

«Google» kompaniýasy Afrika bilen Awstraliýanyň aralygynda ilkinji suwasty optiki süýümli geçirijini gurar. Internet geçirijisiniň bir şahasy bolsa gury ýerden geçer. Geçirijiniň gury ýer bölegi Keniýadan başlap, Kongo Demokratik Respublikasy, Ruanda, Uganda, Zambiýa we Zimbabwe ýaly döwletleriň çäginden geçip, Günorta Afrika Respublikasyna baryp ýeter. Tehnologiýa ägirdi internet geçirijisiniň bu bölegi «Umoja» diýlip atlandyrylýar.



Taslamanyň bu şahasynyň gurlup gutarylandygy mälim edildi. «Umoja» taslamasy Afrika ýurtlarynyň öz arasynda hem-de dünýäniň beýleki ýurtlary bilen has ygtybarly aragatnaşygy ýola goýmaga mümkinçilik berer.

Suwasty geçirijiler arkaly tehnologiýa kompaniýalary müşderilerine has ýokary tizlikli internet hyzmatyny hödürläp bilýärler.

**Nurgözel GURBANOWA,**
*Änew şäherindäki 1-nji orta mekdebiň müdiri.*

## 120 ýyllyk sergi Katarda geçiriler

Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde her ýyl geçirilýän awtoulag sergisiniň mundan beýläk geçirilmejekdigi mälim edildi. Sergini guraýjylaryň ýaýradan beýanatynda mundan soňky serginiň Ženewada däl-de, Katarda geljek ýylyň noýabrynda geçiriljekdigi aýdyldy. Beýanatda awtoulag senagatyndaky näbellilikleriň uludygy hem-de Ýewropadaky täjirçilik maksatly sergileriň özüne çekijiliginiň azalandygy aýdyldy.



Ženewa awtoulag sergisi ilkinji gezek 1905-nji ýylda geçirilýär. Awtoulag senagatynda öz döwrüniň iň soňky gazananlarynyň görkezilen sergisi onlarça ýyllap dünýäniň bu ugurdaky ähmiýetli sergileriniň biri bolmagynda galdy. Emma soňky ýyllarda sergä gatnaşýan kompaniýalaryň hem-de myhmanlaryň sany görnetin azaldy.

**Söhbet AÝDYÝEW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## Täze banknotlar dolanyşyga girizildi

Birleşen Patyşalygyň Patyşasy Karl III şekili ýerleşdirilen banknotlar dolanyşyga goýberildi. Angliýanyň Merkezi banky 5, 10, 20 we 50 funt sterling gymmaty bolan pullaryň dolanyşyga girizilendigini mälim etdi. Şeýle-de bolsa, ýurduň ozalky hökümdary Ýelizaweta II suraty ýerleşdirilen pullaryň ulanylyşy dowam etdiriler.



Täze banknotlar diňe zeper ýeten banknotlaryň öwezini dolmak we bu ugurda ýüze çykan zerurlygy kanagatlandyrmak maksady bilen çap ediler. Şeýlelikde, täze banknotlaryň örän seýrek boljakdygy bellenilýär. Ýüzünde Karl III şekili bolan banknotlar geçen ýyl çap edilipdi. Puluň ýüzünde Patyşanyň 2013-nji ýylda şazada wagty düşürilen suraty ýerleşdirilipdir.

**Tirkeş JUMADURDYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Birinji orna geçdi

Hytaýyň BYD kompaniýasy geçen ýylyň soňky çärýeginde «Tesla»-dan öňe geçip, dünýäniň iň köp elektroulag satan brendi bolupdy. Bilermenler bäsdeşleriniň elektroulag satuwynda önümçiligi başlan wagtyndan bäri dünýäde öňdeligi eýeläp gelýän «Tesla»-dan ozmaklarynyň esasy sebäbiniň ulagyň bahasy bilen baglydygyny belleýärler.



BYD we beýleki kompaniýalar has arzan elektroulag öndürýär. Hytaý brendiniň esasy artykmaçlygy diňe elektrik energiýasy bilen işleýän däl-de, gibrid ulaglary öndürmegidir. Islendik ýerde zarýad beketleriniň bolmazlygy dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglara islegi azaldýar.

**Aýbölek YMMADOWA,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Ilkinji gämisini uçurdy

«Boeing» uçargurluşyk kompaniýasynyň işläp taýýarlan «Starliner» atly kosmos gämisi ilkinji uçuşyny amala aşyrdy. Şeýlelikde, Sunita Wilýams hem-de Barri Wilmor ilkinji bolup, bu gämide kosmosa syýahat etdi. Kompaniýanyň işläp taýýarlan kosmos gämisi çarşenbe güni Florida ştatyndaky Keýp Kanaweral kosmodromyndan uçuryldy.



«United Launch Alliance» kompaniýasynyň öndüren «Atlas V» göteriji raketasy bilen uçurylan gämi 15 minutdan soňra orbita çykaryldy. 25 sagatdan soňra gäminiň Halkara kosmos gämisine birigendigi mälim edildi. Astronawtlar Halkara kosmos bekedinde bir hepde bolanlaryndan soňra yzyna geler.

**Gülşat ALMAZOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# TÜRKMENISTANYŇ GYZYL KITABYNYŇ TÄZE NEŞIRI ÇAPDAN ÇYKDY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gyzyl kitap milli kanunçylyga hem-de halkara konwensiýalara we ylalaşyklara laýyklykda işlenilip taýýarlanylýar. Oňa girizilen ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşleri döwletiň goragy astynda durýar. Häzirki wagta çenli Türkmenistanyň Gyzyl kitaby üç gezek – 1985-nji, 1999-njy we 2011-nji ýyllarda neşir edildi.

Gyzyl kitabyň 3-nji neşiri çapdan çykandan soň, Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygy täzelendi, halkara ölçegleri hasaba almak bilen, täze kanunlar işlenip taýýarlanyldy, hereket edýänlerine üýtgeşmeler we goşmaçalar girizildi.



Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň 4-nji neşirini taýýarlamak üçin zoologiýa we botanika boýunça kiçi toparlardan ybarat bolan pudagara topar döredildi. Bu toparyň düzümine Türkmenistanyň Oba hojalyk, Daşky gurşawy goramak ministrlikleriniň, Ylymlar akademiýasynyň hem-de beýleki degişli ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň alymlary we hünärmenleri girizildi. Gyzyl kitaby taýýarlamak üçin pudagara toparyň agzalaryndan başga-da, botanikler we zoologlar işe çekildi.

Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň 4-nji neşiri taýýarlanylanda, Tebigaty goramagyň halkara bileleşiginiň (TGHB) Gyzyl sanawynyň, şeýle-de ýurduň ozalky neşir edilen Gyzyl kitabynyň maglumatlary ulanyldy. Täze neşirde görnüşiň ýagdaýynyň milli derejesini anyklamakda esas hökmünde ilkinji gezek 1994-nji ýylda çap bolan TGHB-niň Gyzyl sanawynyň ölçegleri alyndy. Ählumumy derejede howp abanýan – düýbünden ýitip barýan, ýitip barýan we ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn görnüşlere aýratyn üns berildi.

Kitapda görnüş ýazylyp beýan edilende, onuň derejesi, genofondy gorap saklamakdaky ähmiýeti, ýaýraýşy, duş gelýän ýerleri, sany we onuň üýtgemek meýli, esasy çäklendiriji sebäpler, haýwanlaryň köpeldilişi, ösümlikleriň ösdürilip ýetişdirilişi, gorag üçin görlen çäreler, barlag boýunça teklipler hem-de ulanylan edebiýatlardyr beýleki çeşmeler barada maglumatlar berildi. Şeýle-de, görnüşiň reňkli suratlary we onuň duş gelýän ýerleriniň karta çyzgysy ýerleşdirildi.

# «ÝAŞYL» GELJEGE GÖNÜKDIRILEN HYZMATDAŞLYK

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şonuň üçin nebitgaz ýataklaryny rejeli özleşdirmek üçin täsirli we ekologik taýdan arassa usullaryň işlenip taýýarlanylmagy daşky gurşawy hapalanmakdan goramakda wajyp ähmiýete eýedir.

Soňra maslahatyň işi «Täze tehnologiýalar we energiýa geçişi boýunça geljege bolan garaýyş», «Uglewodorod önümçiliginde metanyň we kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny azaltmak», «Ýaşyl» energetikany ösdürmek ugrunda başlangyçlar we maliýeleşdirmegiň täze mümkinçilikleri» atly mowzuklaýyn mejlislerde dowam etdi.

Ara alyp maslahatlaşmalara wideoaragatnaşyk arkaly iri halkara guramalaryň we maliýe institutlarynyň – BMG-niň, ÝHHG-niň, Bütindünýä bankynyň, Aziýa ösüş bankynyň, Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankynyň, Ýaponiýanyň halkara hyzmatdaşlyk bankynyň wekilleri hem goşuldylar.



Mejlisleriň dowamynda ýurdumyzyň nebitgaz pudagynyň we daşary ýurt kompaniýalarynyň ýolbaşçylary, öňdebaryjy hünärmenler çykyş etdiler. Bellenilişi ýaly, howanyň üýtgemegine garşy göreş dünýäniň ýurtlarynda energetika syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň birine öwrülýär. Energetika pudagynyň geljegi, esasan, howanyň üýtgemeginiň nähili çözüljekdigine we belli bir ýurtda hem-de dünýäde Durnukly ösüş maksatlaryna ýetilmegine bagly bolar.

Şeýle hem ylmy-amaly maslahata gatnaşyjylar energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri, ilkinji nobatda, Gün we ýel energetikasy ýaly ýurdumyz üçin möhüm bolan meseleler boýunça çykyş etdiler. Şunuň bilen baglylykda, daşky gurşawa zyýan ýetirmezden, «ýaşyl» tehnologiýalara geçmek göz öňünde tutulýar. Energiýanyň arzan, ygtybarly, döwrebap çeşmelerine giň elýeterliligiň bolmagy ähli ýurtlaryň depginli ösmegi, olaryň halklarynyň abadançylygy üçin aýgytlaýjy ähmiýete eýedir. Zyňyndylary ölçemekde tehnologik innowasiýalaryň ähmiýetine, sanly serişdeleriň we hasaplaýyş hyzmatlarynyň netijeliligine üns çekildi. Olaryň kömegi bilen nebitgaz senagaty parnik gazlarynyň, kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny azaldyp biler we ýakyn geljekde ekologik taýdan arassa energiýa bilen üpjün eder.

Maslahatda Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň nol derejede ösüşini gazanmagy meýilleşdirýändigi, uzak möhletleýin geljekde bolsa hem öz serişdeleriniň hasabyna, hem halkara guramalaryň tehniki we maliýe taýdan goldamagynda her ýylda zyňyndylary ep-esli azaltjakdygy bellenildi. Türkmenistanyň Aşgabat şäherinde Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini açmaga taýýardygy, BMG-niň Suw strategiýasyny we BMG-niň Aral deňziniň sebiti boýunça Ýörite maksatnamasyny işläp düzmek, Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak baradaky öňe süren başlangyçlary aýratyn nygtaldy. Ýurdumyzda ekologik meseleleriň döwlet derejesinde üstünlikli çözülýändigi, şol sanda tokaý zolaklarynyň döredilýändigi, topragyň şorlaşmagyna we çölleşmä garşy göreşilýändigi, her ýyl millionlarça agaç nahallarynyň ekilýändigi bellenildi. 6-njy iýunda Halkara maslahata gatnaşyjylar «Energetiki integrasiýa we söwda arkaly energetika howpsuzlygyny we energiýa ulgamlarynyň durnuklylygyny ýokarlandyrmak» atly maslahatda meseleleriň giň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar.

Maslahatyň çäklerinde ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň düzümindäki kärhanalaryň ýolbaşçylary bilen olaryň daşary ýurtly hyzmatdaşlarynyň arasynda özara gatnaşyklaryň strategik ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak üçin onlaýn duşuşyklar geçirildi.

# YLYM – ÝURDUŇ YKDYSADY KUWWATYNYŇ GÖRKEZIJISI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiz «Häzirki döwürde ýaşlarymyzyň döwrebap hünärleri ele almagyna, nazary bilimlerini kämilleşdirmegine, amaly endiklerini ýokarlandyrmagyna, sanly tehnologiýalary özleşdirmegine, täze ylmy taglymatlary, öňdebaryjy barlaglary we tehnologik tejribeleri öwrenmegine ýardam bermek biziň esasy wezipelerimiziň biridir» diýip belleýär. Bu wezipelere laýyklykda, Türkmenistan ylmy-tehniki çygyrda döwlet syýasatyny üstünlikli alyp barýar. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» çäklerinde düýpli we amaly ylmy barlaglaryň arasyndaky baglanyşygy işjeňleşdirmek göz öňünde tutulýar.



«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzyň bilim edaralary tarapyndan döwrüň talabyndan ugur alnyp, giň möçberli, köpugurly işler alnyp barylýar. Bu işleri üstünlikli alyp barmak üçin häzirki ösen jemgyýetimizde ýurdumyzyň Ylymlar akademiýasynyň, ýokary okuw mekdepleriň we jemgyýetçilik birleşikleriniň ylmy edaralarynda, ylmy-barlag institutlarda, ylmy-tehnologik, ylmy-kliniki, ylmy-taslama merkezlerinde ylmy işler bilen meşgullanmak üçin ähli zerur şertler döredildi. Munuň özi innowasiýa tehnologiýalarynyň, öňdebaryjy usullaryň we tejribäniň önümçilige giňden ornaşdyrylmagyna, şeýle hem ýokary hünärli işgärleri taýýarlamaga uly ýardam edýär.

Türkmen halkynyň gadymy maddy we ruhy mirasyny goramak, ony ylmy taýdan öwrenmek we dünýä ýüzünde wagyz etmek, şeýle hem medeni we ruhy gymmatlyklaryň esasynda beýik ynsanperwerlik däp-dessurlaryny we jemgyýetiň sazlaşykly ösüşini aýawly gorap saklamak üçin durmuşa geçirilýän uly möçberli işleriň ählisi Türkmenistanyň dünýä derejesinde ylmy-medeni diplomatiýasyny pugtalandyrmaga hyzmat edýär.

Ylym-bilim ynsanyň aň-paýhasy bilen rowaçlanýar. Ylym ýurduň kuwwatynyň nädereje ýokarydygyny äleme äşgär edýär. Häzirki döwürde ýurdumyzyň bilim ulgamy görnetin özgerdi. Ylym ähli ösüşleriň binýadydyr, eşretli we bagtyýar durmuşymyzyň gözbaşydyr. Goý, ýurdumyzyň ylmy kuwwatynyň barha ýokary belentliklere eýe bolmagy üçin dünýä nusgalyk işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli beýik işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Döwlet AMANMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň baş ylmy işgäri, hukuk ylymlarynyň kandidaty.*

# DIÝARYMYZDA BIR BITEWI HALKALAÝYN ENERGIÝA ULGAMY EMELE GELDI





**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häkim sowgat berlen döwrebap awtobuslar üçin welaýatyň bagtyýar ýaşaýjylarynyň adyndan tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyzyň, mähriban Watanymyzyň bähbidine alyp barýan ähli başlangyçlarynda üstünlikleri arzuw etdi.

Ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda döwlet Baştutanymyz toý bagyny kesýär. Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyz güýjenmesi 500 kilowolt bolan täze asma elektrik geçirijisiniň we beketleriň işine badalga beriljek nokada tarap ugraýar.

Döwlet Baştutanymyz ýolugruna «Daşoguz» elektrik bekedinde gurnalan döwrebap enjamlary synlady. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň elektroenergetika pudagyny döwrebaplaşdyrmak boýunça ýerine ýetirilýän işler bilen tanyşdy.

Bu ýerde ýaş hünärmen Arkadagly Gahryman Serdarymyzy mübärekläp, ýurdumyzda döredilen bitewi halkalaýyn energoulgamyň işi barada gürrüň berdi. Elektroenergetika pudagyny ösdürmäge berýän yzygiderli ünsi we pudagyň işgärleri baradaky aladalary üçin hormatly Prezidentimize, türkmen halkynyň Milli Liderine ýurdumyzyň energetikleriniň adyndan tüýs ýürekden hoşallyk bildirildi.

Şol bir wagtyň özünde, baýramçylyk dabaralarynyň çäklerinde Balkan welaýatynyň Bereket etrabynda medeniýet we sungat işgärleriniň aýdym-sazly çykyşlary ýaýbaňlandyrylýar. Balkan welaýatyndan ýaş hünärmen sanly ulgam arkaly döwlet Baştutanymyza ýüzlenip, Balkan–Daşoguz täze elektrik geçirijisini we bu ugurda gurlan elektrik beketlerini işe girizmäge ak pata bermegini haýyş edýär.

Ýokary woltly elektrik geçirijisiniň gurlup ulanmaga berlendigi we bu möhüm taslamany durmuşa geçirmek ugrunda ähli zerur şertleriň döredilendigi üçin pudagyň işgärleriniň adyndan hormatly Prezidentimize çuňňur hoşallyk bildirildi.

Tolgundyryjy pursat ýetip gelýär: hormatly Prezidentimiz düwmä basyp, täze elektrik geçirijisiniň we elektrik beketleriniň ikisiniň işine badalga berýär. Ekranda olaryň Türkmenistanyň bitewi energoulgamyna birikdirilýändigi görkezilýär.

Şeýlelikde, elektroenergetika pudagynyň täze, möhüm desgalarynyň – Balkan–Daşoguz ugry boýunça elektrik geçirijisiniň we her biriniň güýjenmesi 500 kilowolt bolan iki sany elektrik bekediniň işe girizilmegi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň hem-de mümkinçilikleriniň nyşanyna öwrülen bitewi energetika halkasyny döretmek boýunça ägirt uly taslamanyň üstünlikli tamamlanandygyny alamatlandyrdy.

# AŞGABADYŇ AJAÝYP KÜNJEGI

## *tomusky dynç alyş möwsüminde çagalara şatlyk paýlaýar*

Bilşimiz ýaly, çagalaryň ýatdan çykmajak pursatlara beslenen tomusky dynç alyş möwsümi başlandy. Çagalar üçin niýetlenen dynç alyş meýilnamalarynda paýtagtymyzyň, welaýatlaryň ajaýyp künjeklerine, taryhy-medeni ýadygärliklere, muzeýlere, seýilgählere gezelençleriň guralmagy göz öňünde tutulýar. Paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda gurlup ulanmaga berilýän döwrebap çagalar baglarynyň, mekdepleriň, sport, sagaldyş, medeni dynç alyş merkezleriniň sany ýylsaýyn artýar.



Şeýle ýerleriň biri hem paýtagtymyz Aşgabadyň gözel künjeginde ýerleşýän «Ertekiler dünýäsi» medeni dynç alyş merkezidir. Bu ýerde ýaş nesliň wagtyny gyzykly we peýdaly geçirmegi üçin ähli zerur şertler döredilendir. Merkeziň hünärmenleri çagalaryň tomusky dynç alşyny guramaga hemmetaraplaýyn taýýarlyk gördüler. Olar ýörite medeni-dynç alyş maksatnamasyny işläp taýýarladylar. Bilelikdäki tagallalar esasynda medeni dynç alyş merkezinde her ýyl tomus möwsüminde dürli ýaşly çagalara niýetlenen köp sanly çäreler guralýar.



Ajaýyp durmuşyň we bagtyýar ýaşaýşyň gülläp ösýän mesgenine öwrülen paýtagtymyz Aşgabadyň gözel künjeginde ýerleşýän «Ertekiler dünýäsi» medeni dynç alyş merkezi bölekleýin abatlanyp, durky täzelendi. Durky täzelenen medeni dynç alyş merkezi çagalar we uly ýaşlylar üçin gapylaryny giňden açyp, her birimizi türkmen ertekileriniň jadyly dünýäsine alyp gidýär. Seýilgähiň tutýan meýdany 35 gektara barabar bolup, bu ýerde tizlik we lezzetli dynç alşy halaýanlar üçin häzirki zaman ýaryş awtoulaglaryny özünde jemleýän açyk asmanyň astyndaky karting meýdançasy bar. 5 müň inedördül metrlik täze ýaşyl gazon we 4 müň inedördül metrlik asfalt ýol bu ýerde guralýan bäsleşiklere ýatdan çykmajak lezzet çaýýar.

Medeni dynç alyş merkeziniň üsti bu ýerdäki döwrebap aýratynlyklar hem-de beýleki gözel ýerler bilen ýetirildi. Seýilgähde bezelen çyralar, uly bolmadyk binagärlik şekilleri oturdyldy. Şeýle hem oýun meýdançalary çagalaryň we ýetginjekleriň göwnüne ýaraýar. Geçirilen abadanlaşdyryş işleriniň häsiýetli aýratynlygy bu ýeriň öňki özboluşlylygynyň täze oturdylan çydamly hem-de hemişe gök öwüsýän ösümlikler bilen utgaşdyrylmagydyr.



«Ertekiler dünýäsi» medeni dynç alyş merkezinde giň göwrümli çäreler geçirilýär. Çagalara bu ýerde dürli görnüşli hiňňildikler, seýilgäh çarhy, ulaglar kerweni, pyrlanýan çäýnek-käse, çaýkanýan gämi, uçýan haly, bökdürýän agaç, sessiz uçar, tans meýdançasy, aýlawly depejikler ýaly gyzykly attraksionlar garaşýar.

Umuman, «Ertekiler dünýäsi» medeni dynç alyş merkezinde geçjek her bir gün çagalar üçin ýatdan çykmajak pursatlara baý bolar. Sebäbi olarda wagtyňy gyzykly we peýdaly geçirmek üçin ähli şertler döredilendir. Munuň özi ýurdumyzda mekdep okuwçylarynyň dynç alyşlaryny gyzykly we peýdaly geçirmekleri barada alada edilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

**Mährijemal BEREKETOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 45-nji orta mekdebiň mugallymy, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşiniň işjeň agzasy.*

## Täzelenmesi kyn rekordyň eýesi boldy

Russiýanyň «Roskosmos» döwlet korporasiýasynyň kosmonawtlarynyň serkerdesi Oleg Kononenkonyň kosmos giňişliginde bolan wagty 1000 günden geçdi. Şeýlelikde, ol kosmos giňişliginde iň köp wagt geçiren hem-de kosmosda 1000 günden köp bolan adam hökmünde täzelenmesi kyn rekorda eýe boldy. Kosmonawtlaryň serkerdesi geçen ýylyň sentýabrynda bäşinji uçuşyny amala aşyrypdy. 4-nji fewralda ol rus komonawty Gennadiý Padalka degişli bolan 878 günlük rekordy täzeledi. Kosmonawt missiýasyny tamamlan wagty onuň kosmoda bolan wagty jemi 1110 güne ýeter.



1964-nji ýylyň 21-nji iýunynda Türkmenabat şäherinde dünýä inen Oleg Kononenko 2008-nji ýylyň aprelinde ilkinji kosmos saparyny amala aşyrdy. Türkmenistanyň we Russiýanyň Gahrymany adyna eýe bolan Kononenkonyň häzirki kosmos missiýasy 23-nji sentýabrda tamamlanyp, bir ýyldan gowrak dowam eder.

**Ogulmaral ORAZOWA,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

ZAMAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 7-si, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114138
Belgisi: 23/1589
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**e-poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# GELJEGI NAZARLAÝAN «ÝAŞYL» YKDYSADYÝET

Daşky gurşawy gorap saklamak, ekologiýa taýdan arassa şertleri üpjün etmek hem-de Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasynda we Milli tokaý maksatnamasynda göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça alnyp barylýan işler giň gerime eýedir.

Häzir durnukly ösüş üç ugur – ykdysady, durmuş we ekologiýa ugurlarynda möhüm çözgütleri talap edýär. Bular «ýaşyl» ykdysadyýet, «ýaşyl» tehnologiýa, «ýaşyl» senagat, «ýaşyl» energetika diýen adalga-düşünjeler bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. 2023-nji ýylda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilen Bütindünýä howa sammiti ählumumy ekologiýa meseleleri bilen bagly wajyp wezipeleri çözmekde dünýäniň döwletlerini hem-de guramalaryny bir ýere jemlän iri sammitleriň biri boldy. Hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 28-nji maslahatyna (COP28) gatnaşmak üçin geçen ýylyň 1-2-nji dekabrynda Dubaý şäherine amala aşyran iş



saparynda Türkmenistanyň Ählumumy metan borçnamasyna goşulýandygyny bellemek bilen ýurdumyzyň «ýaşyl» ykdysadyýet ulgamynda durnukly ösüş gazanmak ugrundaky tagallalaryny ýene bir gezek açyp görkezdi. Häzire çenli BMG-niň metan boýunça halkara borçnamasyna 140-dan gowrak döwlet goşuldy.

Döwlet Baştutanymyz «ýaşyl» energiýanyň mümkinçiliklerinden peýdalanmaga degişli taslamalaryň örän zerurdygyny, daşky gurşawa zyýan ýetirmeýän, ykdysady taýdan bähbitli alternatiw energetika desgalarynyň gurluşygynyň göz öňünde tutulan meýilnamalaryň möhümdigine ünsi çekýär.

«Ýaşyl» ykdysadyýet tebigat üçin zyýansyz ykdysady ösüş ýoly bolup, tebigy maýany saklap galmagyň we artdyrmagyň hasabyna önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagy, zyňyndylary azaltmagy, biodürlüligi giňeltmegi, netijede ekologiýa abadançylygyny üpjün etmegi maksat edinýär.

Geljekde energiýa çeşmelerini ösdürmekde we howany zyýanly zyňyndylardan arassalamak ugrundaky çärelerde wodorod energetikasyna uly ornuň degişli bolarjakdygy çaklanylýar. Energiýanyň bu görnüşini özleşdirmek nazary hem amaly taýdan örän çylşyrymly meseleleri çözmäge gönükdirilendir. Wodorod ýangyjy nebiti gaýtadan işleýän pudakda, himiýa senagatynda we metallurgiýada ulanylýar.

Türkmenistan uglewodorod çig malynyň dünýäde ägirt uly maýa goýumlaryny çekmek arkaly ýurduň ykdysadyýetini depginli ösdürmek meselesini esasy orunda goýýar. Şunda ýurduň ýangyç-energetika toplumyny döwrebaplaşdyrmakda özara bähbitli hyzmatdaşlyk ileri tutulýar. Şu jähetden ýurdumyzyň energetika howpsuzlygyny üpjün etmekde energiýa serişdelerini ugradyjy döwlet hökmünde çykyş etmegi energetika diplomatiýasynyň möhüm şahasyna öwrüldi.

Ýurdumyzyň howa we geografik şertleri energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini netijeli peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Şeýle çeşmeler oba ilatyny we merkezden uzakdaky ýerleriň energoüpjünçiligini gowulandyrmaga ýardam edýär.

**Miwe ÇARYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# TÜRKMEN SPORTUNA ŞÖHRAT

Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy bolan eziz Diýarymyzda ynsan saglygy baradaky alada hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynda esasy orny eýeleýär. Sport we bedenterbiýe bilen meşgullanmak ynsan saglygy üçin ähmiýetlidir. Bu babatda ýurdumyzda giň möçberli işler alnyp barylýar, halkara talaplara laýyk gelýän milli sport ulgamy döredilýär.

GDA-nyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisiniň çäklerinde Aşgabat şäheriniň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlen çözgüdiň biragyzdan kabul edilmegi ýurdumyzyň sport abraýyny ýene-de bir gezek belende galdyrdy.

Paýtagtymyz Aşgabatda soňky ýyllarda gurlan Olimpiýa şäherçesi, Olimpiýa suw sport toplumy, Milli Olimpiýa sport köşgi, Gyşky oýunlar sport toplumy, «Aşgabat» köpugurly stadiony ýaly iri sport desgalary sporty we köpçülikleýin bedenterbiýäni ösdürmekde giň mümkinçilikleri açýar. Ýurdumyzda Çagalary goramagyň halkara gününiň giňden bellenilen gününde – 1-nji iýunda Aziýanyň Tennis federasiýasy (ATF) tarapyndan Aşgabat şäherindäki Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynyň «Tennis boýunça Aziýa sebitiniň okuw-türgenleşik merkezi» diýlip yglan edilendigi baradaky güwänamanyň gowşurylmagy hem täze sport mümkinçilikleriň şäheriniň sport abraýynyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, sport jebisleşdiriji, ruhlandyryjy güýç bolmak bilen, ählumumy parahatçylygy, ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmaga hyzmat edýär. Täze taryhy döwrümizde sport diplomatiýasy döwletimiziň daşary syýasatynyň işjeň ösdürilýän ugurlarynyň hatarynda ähmiýetini has-da artdyrdy. Şonuň netijesinde, Türkmenistan iri halkara ýaryşlaryň geçirilýän ýerine öwrülýär. Munuň üçin Diýarymyzda ähli zerur şertler bar. Ýurdumyzda sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmak, netijeli türgenleşmek, türgenleriň ussatlygyny kämilleşdirmek, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, milli we halkara derejedäki ýaryşlary guramak üçin döwrebap ugurdaş infrastruktura döredildi.

Ýurdumyzda 2017-nji ýylda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary, 2018-nji ýylda Agyr atletika boýunça Dünýä çempionaty, 2023-nji ýylda Kuraş boýunça Dünýä çempionaty, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly



Pyragy» ýylynda bolsa hokkeý boýunça halkara ýaryş geçirildi. 2025-nji ýylda paýtagtymyzda Sambo boýunça Dünýä çempionatyny geçirmek barada kabul edilen çözgüt ýurdumyzda ýokary derejeli sporty ösdürmek babatda beýik işleriň üstünlikli dowam etdirilýändigini aýdyň görkezýär.

Sportuň innowasion tehnologiýalar arkaly ösdürilýän ýurdumyzda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza döwletlerde we dünýäde uly meşhurlyga eýe bolýan sportuň fijital görnüşleri boýunça ilkinji gezek geçirilen ýaryşlar uly ruhubelentlige beslendi. Türkmen sportunyň üstünlikleriniň şanyna halkara ýaryşlaryň ýeňijilerini sylaglamak dabaralarynyň guralmagy, ýeňijilere gymmat bahaly sowgatlaryň gowşurylmagy türgenlerimizi Watanymyzyň sport abraýyny mundan beýläk-de belende götermäge, iri ýaryşlarda ýaşyl Tugumyzy belentde parlatmak üçin täze sport ýeňişlerini gazanmaga ruhlandyrýar.

Mälim bolşy ýaly, 2018-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy esasynda 3-nji iýuny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi. Şonuň netijesinde, her ýylyň 3-nji iýuny «Bütindünýä welosiped güni» hökmünde giňden bellenilýär.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda bolsa, bu baýramçylygyň dabarasy has-da artyp, Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary–Tejen–Aşgabat böleginde ilkinji gezek welosipedli ýöriş hem guraldy. Oňa ýurdumyzyň Ahal, Daşoguz we Lebap welaýatlaryna hem-de paýtagtymyza wekilçilik edýän türgenleriň 53-si, tälimçileriň 7-si we tehniki işgärleriň 2-si gatnaşdy.

Watanymyzda welosipediň meşhurlygyny artdyrmak ugrundaky çäreler barada söhbet edilende iki senäni ýatlap geçmek gerek. 2018-nji ýylda köpugurly «Aşgabat» stadionynda geçirilen welosiped sporty boýunça «Iň köpçülikleýin tälim beriş sapagyna» 3 müň 246 adam gatnaşdy. Şonuň bir ýyl yzysüre Olimpiýa şäherçesinde geçirilen «Iň dowamly, bir nyzamly welosipedli ýörişe» welosipedçileriň 2019-sy goşuldy. Bu çäreleriň ikisinede Ginnesiň rekordlar kitabynda mynasyp orun berildi. 2022-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň awtordaşlyk etmeginde öňe sürlen başlangyç esasynda «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamanyň kabul edilmegi bolsa milli diplomatiýamyzyň nobatdaky ýeňşi boldy.

**Muhammetnazar ŞIHI,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# EKINLERIŇ HASYLLYLYGYNY ÝOKARLANDYRMAGYŇ ŞERTLERI

Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda oba hojalyk pudagyny ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Çünki pudak milli ykdysadyýetiň örän möhüm pudaklarynyň biridir. Bu pudakda alnyp barylýan giň gerimli özgertmeler maksatnamalary hormatly Prezidentimiz tarapyndan kabul edilen daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçiligi ýola goýmak we eksporta iberýän önümleriň möçberlerini artdyrmak boýunça aýratyn ähmiýete eýedir.

Topragyň iň esasy häsiýeti onuň hasyllylygydyr. Hasyllylyk diýmek ösümlikleriň suwa, iýmit elementlerine bolan talabyny kanagatlandyrmaga we hasyl döretmäge topragyň ukyplylygy diýmekdir. Tarp ýerler tebigy faktorlaryň hem-de toprak emele geliş prosesleriniň döreden tebigy hasyllylygyna eýedir. Täze ýerleriň oba hojalyk önümçiligine çekilen pursadyndan beýläk toprak özüniň tebigy hasyllylygy bilen birlikde emeli hasyllylyga-da eýe bolar.

Toprakda düýpli medeni bejergi näçe uzak wagtlap geçirildigiçe, oňa organiki hem-de mineral dökünler näçe köp berildigiçe, onuň hasyllylygy şonça-da ýokary bolýar. Hojalyklaryň has kämilleşen maşynlar we gurallar bilen barha köp üpjün edilmegi, iberilýän mineral dökünleriň birsyhly artdyrylmagy, ägirt uly meýdanlaryň suwarylmagy emeli hasyllylygy yzygiderli ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

Alnan hasylyň ulylygy topragyň netijelilik ýa-da ykdysady hasyllylyk görkezijisidir.

Ösýän ylym, tehnika we öňdebaryjy tejribe topraga täsir etmäge onuň tebigy häsiýetlerini üýtgetmäge we hojalyk meýdanlarynyň netijeli hasyllylygyny ýokarlandyrmaga kömek edýär.

Esasy iş topragyň düzüminiň gowulanmagyny gazanmakdyr. Toprak gaty maddadan – suwdan, toprak ergininden we gaz görnüşli (toprak howasyndan) böleklerden ýa-da fazalardan ybaratdyr.

Topragyň gaty fazasynyň mineral bölegi dürli derejedäki ownuk enelik jynsyndan ybarat bolup, topragyň köpüsiniň 80-97% gaty fazasy şonuň paýyna düşýär. Tozama netijesinde onda suwda aňsatlyk bilen ereýän ýönekeýje birleşmeler emele gelýär. Ösümlikleriň, haýwanlaryň, mörmöjekleriň, bakteriýalaryň çüýräp dargaman we çala çüýräp dargan bölekleridir. Topragyň häsiýetini we hasyllylygyny kesgitleýän onuň iňňän möhüm düzüm bölegi çüýrüntgi ýa-da gumusdyr.

Ýeriň üstki gatlaklarynda toplanýan çüýrüntgide ösümlikler üçin gerek bolan azot, fosfor, kaliý we beýleki iýmit elementleri bolýar. Bularyň hemmesine topragyň emele gelmegi – biologiki proses diýilýär.

Topragyň emele gelmeginde mikroorganizmleriň



täsiri uludyr. Olar ýaşaýyş üçin zerur bolan energiýany organiki maddadan alýar, organiki maddany bolsa gök ösümlikler döredýär. Toprak ösümlik galyndylary näçe köp bolsa, ondaky mikroorganizmler hem şonça köp bolýar. Ösümlik galyndylaryny çüýredip dargadýan organizmler aerob we anaerob bakteriýalaryna hem-de kömeleklere bölünýär.

Aerob bakteriýalar howadaky kislorod topraga erkin aralaşan mahalynda ösýär. Kislorodyň bolmazlygy olaryň heläk bolmagyna eltýär. Anaerob bakteriýalar kislorodsyz ýaşaýarlar we köpelýärler. Kömelekler bakteriýalardan tapawutlylykda turşy sreda çydamlydyr. Olar kislorod baranda gowy ösýär we bakteriýalaryň dargadyp bilmeýän eýleýji maddalaryny dargatmaga ukyplydyr.

Kislorod baranda hem-de topragyň kislotalylygy gowşak bolanda ösümlik galyndylary örän çalt çüýräp dargaýar, şonda ösümlikleriň kül iýmit elementleri emele gelýär. Käbir bakteriýalar, meselem azotobakter howadaky azoty özleşdirýär, topraga witaminleri hem-de ösüş maddalaryny bölüp çykarýar.

Anaerob şertlerde ösümlik galyndylarynyň çüýräp dargaýyş depgini peselýär, ýarym çüýrän ösümlik galyndylary (torf) toplanýar we ösümlikler üçin zyýanly bolan öte turşy birleşmeler hem-de kislotalar emele gelip biler.

Aerob we anaerob prosesler aýry-aýrylykda topragyň ýokary hasyllylygyny üpjün edip bilmezler. Olaryň diňe bir wagtyň özünde täsir etmegi netijesinde ösümlikler üçin amatly şertler döreýär.

Toprakda peýdaly mikroorganizmlerden başga-da, ösümlikler üçin zyýanly mikroorganizmler hem bar, olaryň garşysyna agrotehniki we beýleki serişdeler arkaly göreş alyp barmaly bolýar.

Top rakda organiki maddanyň toplanmagy we çüýräp dargamagy ekerançylykda uly rol oýnaýar. Medeni ösümlikler üçin amatly ýaşaýyş şertlerini döretmek üçin topragy organiki maddalar bilen baýlaşdyrmak gerek.

Ösümlikleriň kadaly boý almagy we ösmegi üçin daşky sredanyň faktorlaryndan (ýagtylykdan, suwdan, mineral iýmitlerden we başgalardan) ýeterlik mukdarda we amatly utgaşyklykda peýdalanylan mahalynda oba hojalyk ekinlerinden ýokary hasyl alynýar. Şunuň bilen birlikde, alnan hasyl ýokary hilli bolmalydyr. Önümiň hili hakyndaky alada bilen birlikde her bir ekiniň hasyllylygy hakyndaky alada ähli geçirilýän agrotehnikanyň esasynda bolmalydyr.

Ösümliklerdäki himiki maddalaryň mukdary hemişe durnukly däldir we ol howa, topragyň görnüşine, dökünlere we başgalara baglydyr. Şoňa görä-de şol şertleri öwrenmek oba hojalyk ylmynyň esasy wezipelerinden biridir.

**Haýytbaý GYLYJOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty.*

# TEBIGATYŇ GORAGYNDA

Eziz Diýarymyzda tebigaty goramak ugrunda ýetilen sepgitler, bitirilen işler örän uludyr. Tebigatymyzyň ajaýyplyklaryny ýangyn howpundan gorap saklamak barada uly aladalar edilýär. Ýurdumyzyň tokaý seýilgählerinde, daglarda, öri sähra meýdanlarynda ýangyn howpsuzlygynyň düzgünlerini üpjün etmek hem şu günki gün esasy wezipe bolup, şol wezipelerden ugur alyp, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy tokaýlarda, seýilgählerde, daglarda, öri sähra meýdanlarynda ýangyn howpsuzlygynyň kadalaryny berjaý etmek boýunça öz maslahatlary bilen ýüzlenip, esasy ýerine ýetirilmeli gaýragoýulmasyz çäreler barada şulary maslahat berýär:

Tokaýlarda, seýilgählerde, daglarda, öri sähra meýdanlarynda zähmet çekýän işgärleriň arasynda jogapkär ýolbaşçylar tarapyndan ýangyn howpsuzlygynyň gaýragoýulmasyz çäreleri barada gözükdiriş gürrüňdeşlikleri geçirilip, berkidilen çäklerde ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý ediji diwarlyklar, ilkinji ýangyn söndüriji enjamlary bilen üpjün edilen ýangyn germewleri oturdylmaly. Ösüp duran baglaryň arasyndaky guran haşal otlary arassalap, hatar hem zolak aralarynda sürüm işlerini geçirip, ýangyn howpsuzlyk zolagyny döretmeli. Uly baglaryň şahalarydyr pürlerini howa arkaly geçirilen elektrik tok geçiri-



jileri bilen galtaşýan ýerlerinde ýangyn howpunyň döremezligi üçin şahalary kesip aýyrmaly. Çäklerde işledilýän tehnikalaryň tüsse çykarýan abzallary uçgun söndüriş enjamlary bilen berk ýapylyp, tehniki ýagdaýynyň elmydama gurat bolmagy gözegçilikde saklanmaly. Işledilýän tehnikalary ilkinji ýangyn söndüriş enjamlary bolan keçe, pil, palta, çäge, suw, ot söndüriş enjamlary bilen üpjün edip, başga maksatlar üçin ulanmazdan abat ýagdaýda saklanmaly. Çäklerde çalgy ýaglary, ýeňil ýanyjy suwuklyklary siňen esgileri taşlap gitmek, guran haşal otlary ýakmak, doly söndürilmedik otluçöp, çilim galyndylaryny taşlamak howpludyr. Ot ýakmazlyk baradaky suratly ýatlamalar görnükli edilip goýulmaly. Şeýle-de, çüýşe gaplaryny galdyrmak hem howpludyr, sebäbi bu ýagdaý Günüň şöhlesiniň ugruny üýtgedip geçmegi netijesinde ýangynyň döremegine getirer. Çäklerde kebşirleme işlerini geçirmäge rugsady bolan adamlar, bu işleriň geçiriljek ýerlerini ot-çöplerden arassalap, uçgunlar daş-töwerege ýaýramaz ýaly, töwerekleýin oda dözümli diwary gurup, el ujunda ot söndüriş serişdeleri bilen üpjün edip, işe girişmeli. Işler tamamlanandan soň, birnäçe wagtlap gözegçilik edip, oduň tutaşmagyna sebäp bolup biljek uçgunlaryň galmandygyna göz ýetirilenden soň, işlenen ýerden gitmeli. Çäklerde guralýan wagtlaýyn göçme öýlerde elektrik geçirijileriň birikýän ýerlerinde döräp biljek uçgunlaryň öňüni alýan ýörite örtgüler ulanmaly. Wagon-öýleriň içinde emeli usulda ýasalan elektrik enjamlaryny ulanmak talabalaýyk däldir. Wagtlaýyn oturdylan gaz enjamlaryna birikdirilýän gazly ballonlar wagon öýüniň daş ýüzünde, demirden gurnalan ýörite gutularyň içinde oturdylmaly.

Hormatly ildeşler! Biziň hemmämiz Watanymyzyň gözel, baý tebigatynyň, onuň ösümlik, haýwanat dünýäsiniň abat bolmagyna jogapkärdiris. Çünki, munuň özi, geljekde ýurdumyzyň ösümlik köpdürlüligini gorap saklamaga, ony ösüp gelýän nesillerimize miras galdyrmaga ýardam eder.

**Yhlas MIRIÝEW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 100-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň döwlet ýangyn gözegçilik bölümçesiniň müdiri-uly gözegçisi, içerki gullugyň kapitany.*

# MAGTYMGULY WE SANLAR

Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň baý şahyrana döredijiliginde gurluşy, aňladýan manylary we grammatik düzümleri babatda biri-birinden düýpli tapawutlanýan taryhy, edebi hem-de jemgyýetçilik gymmatlyklarynda işjeň ulanylýan, durmuş hadysalarynyň häsiýetlendirilişinde peýdalanylýan söz toparlarynyň sanlar bilen baglanyşykly göwherleriniň onlarça görnüşleri duş gelýär. Dünýä edebiýatynyň poeziýa žanry arkaly medeni, ylmy, ahlak, watançylyk, gözellik, tebigat, folklor bilen bagly gymmatlyklar, mukaddeslikler bilen kämilleşmegine uly goşant goşan Magtymguly Pyragynyň eserlerinde duş gelýän sanlaryň tebigaty bilen bagly matematiki adalgalary, arifmetiki we ykdysadyýet bilen bagly çeper beýanlaryny dil biliminiň morfologik, semantik ugurlary boýunça mukdar, tertip, ýönekeý, bölünmeýän, syrly, bütin, natural, täk, sada, goşma, tirkeş, galyndysyz, jübüt, çen-takmyn, garşydaş, bölek, ähtimallyga golaý, garşylykly, durnukly, alynma ... ýaly uzynlyk, göwrüm, wagt, agyrlyk, meýdan möçberlerini umumy, takyk görnüşlerde aňladýan toparlara, ulgamlara, nusgalara, mysallara we leksik birliklere bölmek bolýar. Sanlaryň edebi dildäki, jemgyýetdäki we ýazuw medeniýetindäki keşplerini, ornuny hem-de gadymy hindi, arap, ýunan, hytaý, pars, urdu, oguz, türki ylmy medeniýetinde ady rowaýata öwrülen sanlaryň gurşaw, salgylanma, deňeşdirme çözgütlerini, amallaryny, hakykatlaryny, güýjüni, ähmiýetini, mazmunyny we hilini öwrenmäge uly badalga berýän ussadyň şygryýet dünýäsinde matematika ylmyna degişli bolan sanlar dünýäsiniň togsandan gowrak görnüşleri duş gelýär. Medeniýetleriň, dilleriň we ylmyň bitewi üstünliklere beslenmegi üçin uly taryhy hyzmatlary bitiren Magtymguly Pyragynyň eserlerinde duş gelýän farsah (6 kilometre golaý uzaklyk), erenler, jöw (mysgalyň 1/96 bölegi), jüre, zerre, azym, neýsan, mizan, hazan, kurur (million), gije-gündiz, säher, enbiýalar, magryp, maşryk, akybet (san ýetmeýän ululyk), garyn (36 ýyl), gäwi (6 mil), gez (tirsekden barmagyň ujuna çenli bolan uzynlyk ölçegi), remezan, harman, tiri (Gündogar edebiýatynda her ýylyň 21-nji iýunyndan 21-nji iýuly aralygyny aňladýan ýörgünli çeper aňlatma), eýýam, menzil, şejerler, samad... ýaly sözleriň asyl kökleri, umumy hem-de köplük sypatlary sanlar bilen berk baglanyşyklydyr. Akyldar şahyryň lirikasynda sanlaryň ulanyş ýygylygy, dowamly gaýtalanyş alamatlary boýunça dürli hasaplaryň, algebra bölüminiň amallarynyň, halky, dogry, dürs usullardaky birlikleri, gündogar medeniýetiniň ölçegleri, ululyklary ilkinji orunda durýar. Magtymguly Pyragy özüniň döredijiliginde sanlaryň goruny we tilsimlerini sapar, güýç, mertlik, ynam, ykbal, maksadaokgunlylyk, kerem, nygmat, netijelilik, gadyrdanlyk, mistiki we mifiki paýhasyň düwlen bogunlarynyň çözgüdiniň jogaplary ýaly täze edebi tejribeler, filosofik nazarlar, akyl ýetirişiň ezber, üşükli gözýetimleri arkaly çeper baýlaşdyrmagy başarypdyr. Akyldar şahyryň «Batdy ýaranlar», «Ynsan ugraşsa», «Ýaşyl zümmerret», «Golda bary bolmasa», «Bilmezmiň», «Eýýamy tört», «Zarlar içinde», «Kaýda sen», «Habar ber-beýledir», «Sil galmaz», «Ýeldim tut», «Aýyň ýagşysyn», «Mübtela kyldy», «Jeň sesin aňsa», «Duman peýda», «Huşdan aýryldy», «Çowdur han», «Pyragy», «Göze myhmandyr», «Joşa ýetdiň», «Bili bolmasa», «Zor bolar», «Gö-



zel Şirgazy», «Turgul diýdiler», «Bu dünýä», «Ýaşy nädendir», «Galar ýaranlar», «Joş gelse» ýaly liriki gazallaryny we birnäçe aýdyşyk goşgularyny dürli sanlaryň çeper teswirlenilişiniň iň görnükli nusgalary hasaplamak bolar. Hikmetli setirleri ynsan kalbyna melhem berýän aryfyň goşgularynda jadyly, hikmetli togsan (on sany dokuzlyk), kyrk (dört sany onluk) we ýigrimi bir ýaly sanlar hem uly orny eýeleýär. Söz dürleriniň nakgaşy, halky edebi dilde şygyr sungatynyň milli mekdebini ilkinji bolup esaslandyryjy Magtymguly Pyragynyň «Döker bolduk ýaşymyz» atly eseriniň üçünji bendinde:

*Ilimiz ulaşsyn sowulmaz ýaza,*
*Togsan dolup, tamam bolsun gyşymyz*

diýen ajaýyp setirleri okamak bolýar. Pikirleniş ukyplarynda täze çeperçilik çözgütleriň, Watana bolan söýginiň kemala gelmegine badalga berýän «Togsan dolmak» atly şahyrana söz düzümi, metafora we ylhamly arzuwlaryň durmuş beýany tebigat peýzažynda hem-de jemgyýetçilik medeniýetinde ýyldyz senenamasy boýunça uly çille bilen Çarwa nowruzyna çenli bolan wagt aralygyndaky möwsümi, on sany dokuzlyga barabar bolan durmuş peýzažyndaky günleriň jemlenilen san arkaly bitewüligini aňladyp gelýär. Şahyryň eserinde il sözi halkyň köplüginiň, ýaz we gyş sözleri bolsa astronomik, meteorologik, ýyl senenamasy we biologik taýdan aýry-aýrylykda ýaşaýşyň giňişlik-wagt koordinatlarynda özgeriş, üýtgeýiş, hereketleniş ukyplarynda şertli ölçegde togsan güne deň bolan, her bir paslyň aýlarynyň özara goşulyşan hatarlarynda dokuz onlugyň jemini görkezýän sandaky umumy keşbini bildirip gelýär. Ýaz (rebi) paslynyň dowamlylygy we gözelligi edebiýatyň taryhynda we dürli žanrlarynda hyjuwly duýgular, ösüş, abadançylyk, raýdaşlyk, uzak ömür, ýaşlyk, bagtyýarlyk, sahylyk, erkinlik, asudalyk, berklik, tämizlik, sagdynlyk hem-de asman bilen zeminiň mähribanlygy, zynatly jemaly hökmünde dabaralanýar. Togsanlyk san bilen bagly şahyrana seslenmäniň çeper, taryhy, edebi owazlary danyşmendiň «Duz hem bolmasa», «Nahana geldiň», «Joşa ýetdiň», «Many bilmez ýaşynda» eserlerinde hem belentden ýaňlanýar. Döredijilik taglymatlary, pikir we çeperçilik ussatlygy halkara derejesinde hormatlanylýan, şöhratly ykbaly dürli dillerde wasp edilýän Magtymguly Pyragynyň «Aýrylsa» atly gazalynda:

*Çille dolup, garlar gyşdan aýrylsa*

diýen tebigat suratkeşliginiň ajaýyp setirleri beýan edilýär. Bu şahyrana setirde orun alan çille sözi gyşyň gazaply, sowuk, aýazly günleriniň kyrk güne deň bolan wagt ölçegini – her ýylyň 25-nji dekabryndan 5-nji fewraly aralygyndaky pursatlary we ýaz paslynyň maýyl günleriniň başlanmagy bilen garlaryň eräp, derýalaryň suwunyň dowamly köpelmek, artmak, kenarlaryny böwüsmek häsiýeti gysga setirli şahyrana metafora, meňzetmede şöhlelenip gelýär hem-de tebigata, jemgyýete ylmy taýdan köptaraply akyl ýetirmekde gazanylan üstünlikleri çeper dabaralandyryp görkezýär.

Akyldar şahyryň «Atamyň», «Nowruzdan seni», «Mallar dargady», «Jahan peýda» ýaly şygyrlarynda sözüň ýazylyş we okalyş «sahnasyndaky» manysy, keşbi gönümel görünmeýän 21-lik sana – Nowruza uly orun berilýär. Eserleriniň gymmaty, edebi mirasy alys ülkelerde hem dürli dillerde sarpalanýan dana şahyryň «Güzeşt eýle» goşgusynda:

***Ýerde nowruz hormaty,***
***Gije-gündiz hormaty***

diýen sanlar bilen bagly syrly setirleri duş gelýär. Nowruz sözüniň sözme-söz terjimesi gadymdan gelýän ýyldyz senenamasynyň tertibi boýunça «Täze ýylyň ilkinji güni, güneşiň ýylylyk, ýagtylyk hereketiniň artyp başlamagy» diýmegi aňladýar.

Akyldar şahyr ylmyň mukaddes we köptaraply dünýäleriniň mertebeli wekili, adamzadyň maddy, ahlak, gözellik we ruhy gymmatlyklarynyň ösmegine, poeziýa äleminde şahyrana däpleriň we täze çeperçilik gözlegleriň kämilleşmegine saldamly goşant goşan Magtymguly Pyragynyň döredijilik mekdebiniň halkylyk, taryhy we jemgyýetçilik gymmatlyklaryny öwrenmek biziň her birimiziň watançylyk borjumyzdyr.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**«Bentley»-iň täze başlygy.** 1-nji iýuldan başlap Beýik Britaniýanyň awtoulag kompaniýasy «Bentley»-e Frank-Şteffen Wallizer ýolbaşçylyk eder. «Bentley»-iň ozalky başlygy Edrian Hollmark şu ýylyň mart aýynda «Aston Martin»-iň baş direktory wezipesini ýerine ýetirmek üçin kompaniýadan gitdi.



**Ýangyç guýujy robot.** Birleşen Arap Emirlikleriniň paýtagty Abu-Dabidäki ýangyç beketleriň birinde ýangyç guýýan robot peýda boldy. Emeli aňly enjamy ýerli inženerler oýlap tapdy. Bu tehnologiýa ýangyç guýmak işlerini tizleşdirip, sürüjileriň wagtyny tygşytlamagyna ýardam berer.



**Köp çagalylygyň peýdasy.** Ýel uniwersitetiniň (ABŞ) alymlary maşgalanyň ululygy bilen ene-atanyň akyl saglygynyň arasyndaky baglanyşygy ýüze çykardylar. Köp çagalylaryň beýnisi az çagalylaryňka garanyňda, has ýaş bolýan eken. Şeýle-de, köp çagalylar işjeň durmuş ýörelgesine eýe bolup, bu ýagdaý olaryň akyl saglygyna oňyn täsir edýär.



**Uzak ýaşamagyň syry.** Beýik Britaniýanyň Birmingem şäherinde ýaşaýan 100 ýaşly zenan ruhubelentligi we geljege umytly garamagy uzak ýaşamagyň syry hasaplaýar. «Durmuşda ýüze çykýan meseleler hakda pikir edip özüňi kösemek dürs däl, iň gowusy, kyn meselelerden akylly-başly çykalga gözlemeli» diýip, Silwiýa Mogg gürrüň berýär.



**Ilkinji kompýuter auksiona çykaryldy.** Dünýäde ilkinji talabalaýyk personal kompýuter hasaplanýan 1972-nji ýylyň Q1 kompýuteriniň seýrek nusgasy ABŞ-da «Heritage» auksionyna çykaryldy. Öz döwründen öňe giden bu ykjam kompýuter Londonda tötänleýin tapyldy. Onuň başlangyç bahasy 32 müň dollar.



**Wodorod ýangyçly ilkinji ýahta.** Niderlandlaryň «Feadship» gämi abatlaýyş kärhanasy dünýäniň ilkinji wodorod bilen işleýän ýahtasy bolan «Project 821»-i ulanyşa girizdi. «Project 821»-iň uzynlygy 119 metr, ini 19 metr. Bu ýahtanyň esasy aýratynlygy iň ýeňil himiki element bolan wodorod bilen işleýän elektrik stansiýasynyň bolmagydyr.



**Jon Lennonyň gitarasy.** Dünýä belli britan aýdym-saz topary «The Beatles»-iň agzasy Jon Lennonyň 50 ýyl mundan öň «ýitirilen gitarasy» Nýu-Ýorkdaky «Julien» auksionynda 2 million 857 müň dollara satyldy. 12 tarly akustik gitarany 1965-nji ýylda Jon Lennon we gitaraçy Jorj Harrison çalypdyr.



**Global bazara çykdy.** Hindistanyň «Tata Electronics» kompaniýasy ýarym geçirijileriň global bazaryna çykdy. Kompaniýa ABŞ-dan, Ýaponiýadan we birnäçe ýewropaly hyzmatdaşlar bilen bilelikde öndürilen mikroshemalaryň çäkli toplumyny eksporta iberdi. Täjirçilik maksatly önümçilik 2027-nji ýylda ýola goýlar.



**Diş ösdürýän derman.** Şu ýylyň güýzünde Ýaponiýada gipodontiýany, ýagny dişleriň dogabitdi ýoklugyny bejermek üçin döredilen täze dermanyň kliniki synaglary başlar. Kitanonyň Lukmançylyk barlaglary institutynyň (Osaka) hünärmenleri tarapyndan döredilen bu derman täze dişleriň ösüp çykmagyna itergi berer.



**Ýygnalýan köpri oýlanyp tapyldy.** Şweýsariýanyň ýol müdirligi ASTRA atly täze modully ykjam geçelgäni döretdi. Bu gurnama geçelge sürüjilere aýlanyp geçmegiň ýa-da dykynyşyklarda durmagyň deregine, ýol işleriniň gidýän ýeriniň edil ýokarsyndan geçmäge mümkinçilik berýär. ASTRA bir günde gurnalýan birnäçe bölekden ybarat.



## TARYHDA ŞU GÜN

**Täçmahal aramgähi 1632-nji ýylyň 7-nji iýunynda Beýik Mogollor döwletiniň şol wagtky paýtagty Agrada Jahan şanyň söýgüli aýaly Mumtaz Mahalyň hormatyna gurlup başlanýar. Gurluşyk işleri 20 ýyldan gowrak wagt dowam edip, binanyň gurluşygyna 20 müňden gowrak adam gatnaşýar. Täçmahal ýadygärligi dünýä arhitekturasynyň ajaýyp eserleriniň biri hasaplanýar.**



# Eýranda dalaşgärler hasaba alyndy

Eýran Yslam Respublikasynda 30-njy maýdan 3-nji iýun aralygynda Prezident saýlawlaryna gatnaşýan dalaşgärler hasaba alyndy. 5 günde jemi 80 dalaşgär hasaba alyndy. Olaryň arasynda Merkezi bankyň öňki başlygy Abdul Nasser Hemmati, Eýran Yslam Respublikasynyň Lideriniň ýokary milli howpsuzlyk geňeşindäki wekili Said Jalili, Yslam Rewolýusiýasynyň gorag korpusynyň öňki serkerdesi, general Wahid Haganiýan, Tähran şäheriniň häkimi Alireza Zakani, Eýranyň Demokratik partiýasynyň esaslandyryjysy Mustafa Kawakbiýan we mejlisiň agzalary Mohammed Sabagiýan we Abbas Mogtadai bar. Şeýle-de ýurduň wise-prezidentleri, Eýranyň öňki Prezidenti Mahmud Ahmedinežad, häzirki hökümetiň üç ministri we 13 sany öňki ministr, parlamentiň 38 agzasy, mejlisiň öňki başlygy Ali Larijani we Mohammed Bager Galibaf dalaşgärligini hödürlediler. Bulardan başga-da dört zenan dalaşgär Prezident saýlawlaryna gatnaşmak üçin hasaba alyndy.

4-nji iýundan başlap Konstitusiýanyň goragçylar geňeşi tarapyndan bir hepdäniň içinde dalaşgärleriň Prezidentlige mynasypdygy ýa-da däldigi kesgitlener. Dalaşgärleriň gutarnykly sanawy 11-nji iýunda mälim ediler. Saýlawlardan öňki kampaniýa üçin 12-25-nji iýunda iki hepde bölünip berilýär we saýlawlardan bir gün öň «ümsümlik güni» yglan ediler.

Eýranda Prezident saýlawlary 28-nji iýunda geçiriler. Egerde birinji tapgyrda hiç kim sesleriň köpüsini alyp başarmasa, 5-nji iýulda ikinji tapgyry geçiriler. Oňa birinji tapgyrda iň köp ses alan iki dalaşgär gatnaşar.

Ozal habar berlişi ýaly, şu ýylyň 19-njy maýynda Eýranyň demirgazygynda ýurduň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisini alyp



barýan dikuçar heläkçilige uçrady. Şol pajygaly wakada Yslam Respublikasynyň daşary syýasat edarasynyň başlygy Hosein Amir Abdollahiýan we ýurduň birnäçe hökümet işgärleri Raisiniň ýanyndady. Uçaryň ähli ýolagçylary we ekipažyň agzalary aradan çykdy. Eýranyň Prezidentiniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji hökmünde Prezidentiň birinji orunbasary Muhammet Mohber, Eýranyň daşary işler ministriniň wezipesini ýerine ýetiriji wezipesine bolsa, ýurduň daşary syýasat edarasynyň başlygynyň orunbasary Ali Bageri Kani bellendi.

# «AFRIKANYŇ MILLI KONGRESI» PARTIÝASY ÖŇDE BARÝAR

29-njy maýda Günorta Afrika Respublikasynda geçirilen parlament saýlawlarynda dolandyryjy «Afrikanyň milli kongresi» partiýasy, saýlawçylaryň 40 göterimden gowrak sesine eýe boldy. Bu barada ýurduň garaşsyz saýlaw topary habar berdi. Ses berişligiň netijelerine görä, «Afrika milli kongresi» partiýasy 6 million 344 müň 57 ses bilen öňdeligi eýeledi. 2019-njy ýyldaky saýlawlarda «Afrikanyň milli kongresi» partiýasy 57,5 göterim sese eýe bolupdy. Bu syýasy çärede liberal demokratik bileleşigi 21,7 göterim sese, öňki prezident Jeýkob Zumanyň çepçi populistik partiýasy 14,8 göterim sese eýe boldy.

Şeýle hem 1994-nji ýyldan bäri ýurdy dolandyrýan «Afrikanyň milli kongresi» partiýasynyň ilkinji gezek sesleriň 50 göterimden gowragyny alyp bilmändigi we häkimiýetde galmak üçin bileleşik döretmäge mejbur boljakdygy habar berildi. Eýýäm, «Demokratik bileleşik», dolandyryjy partiýa bilen koalisiýa döretmäge taýýardygyny mälim etdi.

Bu syýasy çäräniň dowamynda Günorta Afrika Respublikasynda hasaba alnan 28 million saýlawçynyň Milli assambleýanyň 400 agzasyny we ýurduň dokuz welaýatyndan kanun çykaryjy maslahatyň 430 agzasyny saýlamak üçin saýlawlara gatnaşandygy habar berildi.



Günorta Afrika Respublikasynyň ähli umumy saýlawlary 5 ýyldan bir gezek geçirilýär. Saýlawçylar belli bir dalaşgäre däl-de, syýasy partiýa ses berýärler. «Afrikanyň milli kongresi» partiýasy 1994-nji ýyldan bäri ähli saýlawlarda ýeňiş gazanyp gelýär. Ýöne bu saýlawlaryň netijeleriniň geçen ýyllara garanyňda, iň pes netijedigi mälim edildi.

2018-nji ýylyň 15-nji fewralynda ýurduň Prezidenti wezipesine ozalky wise-prezident, «Afrikanyň milli kongresi» partiýasynyň agzasy Siril Ramafosa saýlanypdy. Ol ýurtda korrupsiýa bilen bagly göreşde tagallalaryny gaýgyrmaýan lider hökmünde tanalýar. Ol işinden gidýändigini mälim eden Jeýkob Zumanyň ýerine saýlanypdy.

Siril Ramafosa 1952-nji ýylda Ýohannesburg şäheriniň töwereginde dogulýar. Ýurduň Limpopa uniwersitetiniň hukuk fakultetini tamamlap, 1970-nji ýyllarda syýasy karýerasyna başlan Ramafosa 1991-nji ýylda Nelson Mandelanyň başlyklygyndaky milli maslahatda «Afrikanyň milli kongresi» partiýasynyň baş sekretarlygyna saýlanýar. 2014-nji ýylda bolsa Günorta Afrika Respublikasynyň Prezidentiniň orunbasary wezipesine bellenýär.

Häzirki wagtda Afrikanyň günortasyndaky bu ýurtda 60 milliona golaý ilat ýaşaýar.

# HYZMATDAŞLYGY GIŇELTMEKÇI

Birleşen Arap Emirlikleri we Hytaý BRICS toparynyň çäginde hyzmatdaşlygy giňeltmekçi. Bu barada BAE-niň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýanyň Pekine eden saparynda kabul edilen iki ýurduň bilelikdäki beýanatynda bellenilýär.

«Iki tarap hem birleşigiň agzalarynyň gözleýän maksatlaryna we isleglerine ýetmek üçin BRICS toparynyň içinde hyzmatdaşlygy giňeltmek isleýändigini tassyklady» diýlip, resminamada bellenilýär. Bu barada emirligiň habarlar gullugy WAM mälim etdi.



30-njy maýda Pekinde BAE-niň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan bilen Hytaýyň Başlygy Si Szinpiniň arasynda gepleşikler geçirildi. WAM-yň habar berşi ýaly, iki ýurduň ýolbaşçylary «hemmetaraplaýyn strategik hyzmatdaşlygy giňeltmegiň ýollary» barada pikir alyşdylar.

2023-nji ýylyň awgust aýynda BRICS toparyna alty sany täze agza çagyryldy. Bäş täze agza – Müsür, Eýran, BAE, Saud Arabystany we Efiopiýa 1-nji ýanwarda Russiýanyň başlyklygynda BRICS-de işe başlady.

# AÝDAN TOPRAK GETIRER

«Hytaýyň «Chang'e-6» kosmiki gämisi ýany bilen topragyň gymmatly nusgalaryny alyp, Aýyň arka ýüzünden üstünlikli uçup gaýtdy» diýip, Hytaýyň Milli kosmos gullugy habar berdi. Modulyň esasy wezipesi taryhda ilkinji gezek iki günüň içinde Aýyň arka tarapyndan toprak nusgalaryny ýygnamak we Ýere dolanmakdyr.

2-nji iýunda «Chang'e-6» Aýyň arka tarapynda bellenen sebite gonup, Aýyň garaňky tarapyndaky missiýasyna başlady. Wençan hemra uçuryş merkezinden uçurylan «Chang'e-6» Aýyň ozal öwrenmäge elýeter bolmadyk tarapyndan nusgalary ýygnan ilkinji zond boldy. Apparat 2 kilogram töweregi Aý regolitini ýygnandan soň, Aýyň üstünden göterilip orbita çykdy.

Häzir orbitada apparatyň Ýere tarap ugur almak üçin, başga bir kosmos gämisi bilen sepleşmegine garaşylýar. Zond 25-nji iýunda Hytaýyň Içki Mongoliýa sebitine gondurylar. Hytaýly hünärmenleriň sözlerine görä, «Chang'e-6»-nyň getirjek nusgalarynyň ylmy gymmatlygy häzirki wagtda ýaşy dört milliard ýyl töweregi diýlip çaklanylýan Günorta polýus – Eýtken basseýniniň geologiki ýaşyny kesgitlemekden ybarat. Bu ABŞ-nyň we ozalky SSSR-iň Aý missiýalary tarapyndan getirilen, takmynan, üç milliard ýyllyk nusgalaryndan, şeýle hem «Chang'e 5»-iň alan iki milliard ýyllyk nusgalaryndan has uludyr.

Orbitada öz kosmos stansiýasy bolan Aziýa ýurdy, 2030-njy ýyla çenli Aýa adam ibermegi meýilleşdirýär.



# Meksikanyň ilkinji zenan Prezidenti

2-nji iýunda Meksikanyň dolandyryjy «Milli galkynyş hereketi» (MORENA) partiýasynyň dalaşgäri Klaudiýa Şeýnbaum Meksikada geçirilen Prezident saýlawlarynda 57 göterimden gowrak ses alyp, ynamly ýeňiş gazandy. Ses berişligiň netijeleri ýurduň Milli saýlaw instituty tarapyndan habar berildi. Häzirki wagtda MORENA partiýasyna Meksikanyň häzirki Prezidenti Andres Manuel Lopes Obrador tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär.

Şeýnbaumyň esasy bäsdeşi, «Meksika üçin güýç we ýürek» bileleşiginiň dalaşgäri Şoçitl Galwes bary-ýogy 30 göterimden gowrak ses aldy, onuň yz ýanyndan bolsa, 8 göterim ses bilen «Jemgyýetçilik hereketi» partiýasynyň dalaşgäri Horhe Alwares Maýnes gelýär. Ýurtda geçirilen saýlawlaryň resmi netijeleri sesler doly sanalandan soň 8-nji iýuna çenli mälim ediler.

Mehiko şäheriniň öňki häkimi 61 ýaşly Şeýnbaum ýurduň taryhynda ilkinji zenan Prezident bolar. Täze Prezidentden başga-da, ýurduň raýatlary kongresiň aşaky palatasynyň 500 wekiline we 128 senatoryna ses berdiler. Sebit derejesinde sekiz gubernatoryň we Mehiko şäheriniň häkiminiň wezipeleriniň ykbaly kesgitlenýär. Saýlawçylaryň sanawynda 98,3 milliondan gowrak adam bar.



Alty ýyllyk möhlete saýlanan Prezidentiň kasam kabul edişlik dabarasynyň şu ýylyň 1-nji oktýabrynda geçirilmegi meýilleşdirilýär. Şeýlelikde, 100 milliona golaý meksikaly geljekki Prezidenti, kongresiň wekillerini, birnäçe ştatyň häkimlerini we ýerli häkimýeti – jemi 20 müňden gowrak hökümet wezipesini kesgitlän ähli umumy saýlawlarda ses berdiler. Demirgazyk Amerikada ýerleşýän bu ýurtda 127 milliondan gowrak adam ýaşaýar.

# TELEKEÇI ZENANYŇ ÝEŇŞI

**2-nji iýunda Islandiýada geçirilen Prezident saýlawlarynda telekeçi Halla Tomasdottir sesleriň 34,3 göterimine eýe bolup, ýeňiş gazandy. Onuň iň ýakyn bäsdeşi, öňki Premýer-ministr Katrin Ýakobsdottir bolsa, 25,7 göterim sese eýe boldy. Üçünji orunda 15,5 göterim ses bilen Islandiýanyň Milli energetika edarasynyň baş müdiri Halla Hrund Logadottip gelýär. Saýlawlara gatnaşyk 78,83 göterime deň boldy.**

**Ikinji gezek Prezidentlige dalaş eden Tomasdottir dört ýyllyk möhletinden soň işinden çekilen Gwýudni Torlasius Ýohannessonyň ýerine geçdi. Tomasdottir Islandiýa ýolbaşçylyk eden ikinji zenan bolar. 2024-nji ýylda iň ýokary wezipe üçin 12 dalaşgär bäsleşip, bu ýurduň taryhynda rekord derejedir.**

**Islandiýada saýlawlar bir tapgyrda geçirilýär we iň köp ses alan dalaşgär Prezidentlige saýlanýar. Islandiýanyň 35 ýaşa ýeten raýaty döwlet baştutanlygyna dalaş edip bilýär. Häzirki wagtda Ýewropanyň iň az ilatly bu ýurdunda 380 müň adam ýaşap, olaryň 250 müňden gowragynyň ses bermäge hukugy bar.**



# Modiniň bileleşigi ýeňiş gazandy

Hindistanda geçirilen parlament saýlawlarynda Premýer-ministr Narendra Modiniň bileleşigi ýeňiş gazandy. Modiniň «Hindi halk partiýasy» (Bharatiýa Janata Parti) tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän Milli demokratik bileleşigi ýurtda geçirilen ähli umumy saýlawlaryň netijelerinden soň parlamentiň aşaky palatasyndaky orunlaryň ýarysyndan gowragyny aldy.

Merkezi saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, Narendra Modiniň bileleşigi parlamentiň 543 orunlyk aşaky palatasynda, 292 orna eýe boldy. «Hindi halk partiýasy» 2019-njy ýylda geçirilen saýlawlarda 303 orun eýeläpdi.

28 partiýany öz içine alýan I.N.D.I.A. bileleşigi bolsa, 234 orna eýe boldy. Bileleşigiň öňdebaryjy partiýasy bolan «Hindi milli kongresi» aşaky palatadaky wekilçiligini 53-den 99-a çenli artdyrdy.

Şeýlelikde, Modiniň bileleşigi parlamentde bil baglan 400 ornuna eýe bolmasa-da, öz ýeňşini üpjün etmegi başardy. Indi Modi yzly-yzyna üçünji gezek hindi hökümetine ýolbaşçylyk edip biler.

Hindistanda 19-njy aprelden bäri dowam eden ähli umumy parlament saýlawlary 1-nji iýunda tamamlandy. Ses berişlik 7 tapgyrda geçirildi. Ýurtda 968 million saýlawçy hasaba alyndy. Maglumatlara görä, saýlawlara gatnaşyk, 62 göterim boldy.



# Sebitde iň iri akwapark gurulýar

**Saud Arabystanynda adaty bolmadyk täze taslama amala aşyrylýar. Häzirki wagtda Er-Riýaddan uzak bolmadyk ýerde «Akwarabiýa» akwaparkynyň gurluşyk işleri ýokary depginlerde alnyp barylýar. Bellenilişi ýaly, bu desga Ýakyn Gündogarda şuňa meňzeş iň iri desga bolar.**

**Akwaparkyň umumy eýeleýän meýdany 250 müň inedördül metre deň. Bu çäklerde 8 sany tematiki zolak ýerleşdiriler. Ýiti duýgulary başdan geçirmek isleýänler suw daglaryndan syrygyp düşüp bilerler, rahat dynç alyşyň tarapdarlary bolsa daýwing (suwa bökmek) bilen meşgullanyp ýa-da howuzda ýüzüp bilerler. Akwaparkyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem sörfing üçin emeli tolkundyr. Akwaparkyň gurluşygyny 2025-nji ýylda tamamlamak meýilleşdirilýär.**



# SIDNEÝDE YŞYK ŞÜWELEŇI GEÇIRILÝÄR

**Awstraliýanyň iri şäherleriniň biri bolan Sidneýde «Vivid Sydney» (Parlak Sidneý) atly yşyk, aýdym-saz we ideýalar şüweleňi geçirilýär. Bu çäre her ýylyň maý aýynyň ahyrynda guralýar diýip, Sidneýiň «The Sydney Morning Herald» gazeti habar berýär.**

**Bu şüweleň şäheri yşyk bilen çekilen şekilleriň kendirine öwürýän döredijiligiň we innowasiýalaryň baýramy diýlip atlandyrylýar. Binalara, köprülere we suw giňişliklerine gönükdirilýän animasiýa yşyklary, esasan, gülleriň, haýwanlaryň, ertekilerdäki gahrymanlaryň täsin şekillerini we adaty adamlaryň durmuşyndan pursatlary emele getirýär. Artistler, gözbagçylar we köçe naharynyň aşpezleri açyk meýdanlarda hem-de ýörite sahnalarda çykyş edýärler.**



**Şäheriň esasy özüne çekiji ýeri – portuň ugrunda ýerleşýän Sidneý opera teatry hereket edýän sungat eserine öwrülýär. Şüweleňiň esasy wakalarynyň biri meşhur suratkeşleriň tagallalary bilen haýran galdyryjy hyýaly dünýä öwrülýän Sidneýiň botanika bagynda hem ýaýbaňlanar. «Vivid Sydney» şüweleňi 17-nji iýuna çenli dowam eder.**



# Dünýäniň iň yssy ýurtlary: «Bu ýurtlarda hiç kim üşemeýär»

**Dünýä ýurtlarynyň hersiniň özüne mahsus tebigy gurşawy we howa guşaklygy bar. Käbir ýurtda birnäçe howa guşaklygy (ekwatorial, subekwatorial, tropik, subtropik, aram, arktika, subarktika) bar bolsa, käbiri şol bir howa guşaklygynda ýerleşýär. Ýurtlary howa şertine görä, sowuk, yssy, gurak, ýagynly, ýelli ýurtlar ýaly toparlara bölmek mümkin. Käbir ýurtda hiç wagt yssy bolmaýan bolsa, käbirinde ýylyň dowamynda ýekeje gezegem gar ýagmaýar. «Yssy ýurtlar» adyny alan Puerto-Riko, Wanuatu, Wirgin adalary, Guam, Müsür ýaly ýurtlarda hiç wagt sowuk bolmaýar. Hatda bu ýurtlaryň ýaşaýjylary sowuk howa diýen düşünjäni ýatdan çykarypdyrlar. Gazetimiziň şu sanynda sizi dünýädäki iň yssy ýurtlar bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**

**Puerto-Riko.** Sowukda ýaşaýan käbir adamlar garsyz ýurtda ýaşamagy arzuw edýärler. Puerto-Riko arzuwlaryň hasyl bolýan yssy ýurtlaryň biri bolup, ýylyň dowamynda ýekeje gezegem gar ýagmaýar. Ekwator çyzygyna ýakynlygy sebäpli, Karib deňzinde ýerleşýän bu ýurda Gün şöhlesi dik düşýär. Puerto-Rikoda iň sowuk aýlar ýanwar-fewral aýlary bolup, howanyň temperaturasy 19-20 derejeden peselmeýär. Puerto-Rikonyň merkezi şäheri San-Huan bolup, El-Morro kenarýaka galasy, San-Huan milli taryhy ýadygärligi, San-Kristobal galasy ýurduň meşhur ýerleri hasaplanýar. Tutýan meýdany 13 müň 791 inedördül kilometre barabar ýurduň 3,5 million töweregi ilaty bar. Syýahatçylyk babatda ösen ýerleriň biri hasaplanýan Puerto-Riko her ýyl 5 milliondan gowrak syýahatçy barýar.



**Wanuatu.** Maglumatlara görä, Wanuatunyň taryhynda hiç wagt gar ýagmandyr. 12 müň 189 inedördül kilometr meýdany bolan bu ýurt owadan kenarlary, tropik howasy we işjeň wulkanlary bilen meşhurdyr. Syýahatçylyk babatda ösen ýurtda ekerançylyk esasy orny eýeläp, kakao we et önümlerini eksport etmekde öňdäki orunlarda durýar. Gyşsyz ýurda her ýyl 80 müňden gowrak syýahatçy barýar. Wanuatunyň paýtagt şäheri Port-Wila bolup, Şampan kenary, Müňýyllyk gowagy, Ýasur dagy we Ýasur wulkany ýurduň meşhur ýerleri hasaplanýar.

**Wirgin adalary.** Tomus paslynyň gelmegi bilen ada ýurdunda howanyň gyzgynlygy 47 derejä çenli ýetýär. Wirgin adalarynyň iň yssy bölegi Keramatly Tomas adasy bolup, bu ýerde howanyň ortaça temperaturasy 30 derejede saklanýar. Karib deňzi bilen Atlantik ummanynyň araçäginde ýerleşýän Wirgin adalarynda hem hiç wagt gar ýagmandyr. Güýz pasly ýurtda howanyň salkynlaýan möwsümi hasaplanyp, temperatura 27 derejeden pese düşmeýär. 346 müň 36 inedördül kilometr meýdany tutýan ada ýurdunyň paýtagty Şarlotta-Amaliýa şäheri bolup, Magens aýlagy, Merjen dünýä ummany seýilgähi we Trank Beý dynç alyş kenary Wirgin adalarynyň meşhur ýerleri hasaplanýar.

**Guam.** Ekwatora has ýakyn ýerleşeni üçin bu ýurtda howanyň temperaturasy hem has ýokary. Ýuwaş ummanynyň kenaryndaky bu ýurda hiç wagt gar ýagmandyr. Guamda iň sowuk howa 21 dereje bolup, bu ýagdaý hemmäni geň galdyrýar. Dünýäniň has yssy ýurdy hasaplanýan Guamyň tutýan meýdany 549 inedördül kilometr bolup, paýtagty Hagatna şäheridir. Kiçijik ada ýurduna her ýyl 200 müňden gowrak syýahatçy barýar. Tumon kenary, Çamorro obasy ada ýurdunyň meşhur ýerleri hasaplanýar.

**Müsür.** Garda düşürilen piramidalaryň suratyny görmedik bolsaňyz gerek. 90 göterimi çöller bilen gurşalan gurak howaly Müsürde tomsuna howanyň gyzgynlygy 50 derejeden pese düşmeýär. Demirgazyk-Gündogar Afrika ýurdunyň paýtagty Kair şäheri bolup, Han al-Halili bazary, Giza piramidalary, Merýemiň mukaddes buthanasy (Asma buthana) we Uly Sfinkis heýkeli ýurduň meşhur ýerleridir.

# Ekrany sahypalar bilen çalşyň!

**Soňky ýyllarda durmuşymyza giňden ornaşan ekranlar – telewizor, kompýuter, planşet, telefon kitap okamak endigimize öz täsirini ýetirýär. Elektron kitaphanalaryň hem-de elektron neşirleriň bardygyna garamazdan, kagyz kitaby okamagyň lezzeti başgaça. Okamak dünýä akyl ýetirmäge, kämilleşmäge we pikirleriňi täzelemäge ýol açýar. Kitap okamagy yzygiderli ýola goýmak kyn endikleriň biri bolsa-da, bilermenler kitap bilen dostlaşmagyň aňsat usullaryny salgy berýärler.**

**Maksat goýmak.** Ilki bilen halaýan ýazyjylaryň kitaplarynyň sanawyny düzüp, her ýyl şunça kitap okaryn diýip öz öňüňde maksat goýmaly. Ilkibaşda kyn ýaly bolup görünse-de, kitaplaryň tagamyny dadyp başlanyňyzdan soň, maksadyňyza çalt ýetersiňiz. Hatda sanawdakydan daşgary kitaplary hem okap bilersiňiz. Okamaly kitaplaryňyzyň sanawyny hepdelik ýa-da bir aýlyk düzseňiz ýadamarsyňyz. Mundan başga-da, her gün 20 minut okamak, her hepde 50 sahypa okamak, her aý 2 roman okamak ýaly meýilnamalary hem goşup bilersiňiz.

**Wagt aýyrmak.** Okamak endigini ýola goýmak üçin her gün ofis we öý işinden daşary kitap okamak üçin wagt aýyrmaly. Muny möhüm iş ýa-da zerurlyk hökmünde kabul etmeli.



**Gysga eserler bilen başlamak.** Ilkibaşda kiçiräk hekaýadyr powestler ýygyndylaryny okamak kitap okamaga bolan höwesi artdyryp, özüňe bolan ynamy güýçlendirýär. Indi ýaltalyk, uklap galmak, ünsüň başga zatlara sowulmak ýaly ýagdaýlar aradan aýrylyp, kitaba başgaça göz bilen seredilip başlanýar. Netijede bolsa, uly göwrümli eserlere bolan isleg döreýär.

**Sesli okamak.** Kitaby gaty sesli okamak dymmakdan has gowy netije berýär. Agşam naharyndan soň otagyňyza geçip, kitaby sesli okasaňyz has gyzykly bolar. Kitaby sesli okanyňyzda eserdäki wakalara has anyk we täsirli göz ýetirersiňiz.

**Kitaby ýanyňda götermek.** Wagtyňy peýdaly we mazmunly geçirmek esasy zatlaryň biridir. Iş arasynda, uzak ýola gidilende we dynç alyşda boş wagtyň kitap okamak oňaýly netije gazanmaga mümkinçilik berýär.

**Gyzykly bolmasa, başga kitap okamak.** Käte kitabyň ady, daşky bezegi mazmunyna laýyk gelmän biler. Şeýle-de, käbir awtoryň filosofik pikirlerine we dünýägaraýşyna düşünmän bilersiňiz. Bu ýagdaýlar kitap okamaga bolan höwesi gaçyryp biler. Eger-de okaýan kitabyňyz «içgysgynç» görünýän bolsa, başga kitap bilen çalşyp bilersiňiz. Emma bir kitap sebäpli okamagy taşlamak ýalňyş çözgüt hasaplanýar.

**Kitaphana döretmek.** Kitap dükanlaryndan ýerli we daşary ýurtly ýazyjy-şahyrlaryň kitaplaryny satyn alyp, öýde kiçiräk kitaphana döretmek kitap okamagy has-da aňsatlaşdyrýar. Muňa ilki kitap tekjesini döretmekden başlap bilersiňiz. Öýünde kitaphanasy bolan adamlar köp zatdan habarly, okumyş ynsanlar hasaplanýar. Megerem, şeýle adamlaryň biri bolmak, şahsy kitaphanaňda oturyp kitap okamak hemmeler üçin ýakymly bolsa gerek.

# Tomus paslynyň gyrmyzy miwesi

**Tomus paslynyň iň meşhur miwelerinden biri bolan ülje diňe bir tagamy bilen däl, eýsem, saglyga peýdasy bilen hem ünsi özüne çekýär. Bägülgüllüler maşgalasyna degişli bu ösümlik ylmy taýdan «prunus» diýlip atlandyrylýar. Üljäniň, esasan, süýji we turşy tagamly diýen iki görnüşi bolýar. Garamtyl we açyk gyzyl reňkli bu miwäniň ata Watany Kiçi Aziýa (Gara we Hazar deňziniň kenary) hasaplanýar. Witaminlere we ýokumly maddalara baý bu miwe Günbatar Aziýada we Ýewropada has köp ösdürilip ýetişdirilýär. Mes topragy we bol suwy halaýan ülje sowuk ýurtlarda has gowy bitýär. Düzüminde ýeterlik derejede şeker, A, C, E, K, B6 witaminini, kaliý, marganes, magniý, kalsiý, mis, demir we süýüm saklaýan bu miwäniň 100 gramynda 65 kaloriýa bar.**

**ÜLJÄNIŇ PEÝDALY TARAPLARY:**

**Gany arassalaýar.** Her gün ýeterlik derejede ülje iýmek bedenden artykmaç maddalary aýyrmaga ýardam edýär. Esasan hem, bu miwe gandaky zäherli maddalaryň hem-de nikotiniň täsirini peseldip, öýjükleriň zeperlenmeginiň öňüni alýar.



**Böwrege peýdaly.** Üljäniň düzümindäki kwin kislotasy böwrekde daş we duz emele gelmeginiň öňüni alýar. Böwrekde ýygnanan çökündileriň bedenden has aňsat bölünip çykmagyna ýardam edýär.

**Gan basyşyny kadalaşdyrýar.** Ülje gan basyşyny kadalaşdyryp, ýürek-damar keselleriniň döremek howpuny azaldýar. Bu miwäniň düzümindäki C witamini we kaliý gan aýlanyşy üçin peýdaly bolup, damarlarda holesteriniň ýygnanmagynyň öňüni alýar.

**Beýni üçin peýdaly.** Üljäniň düzümindäki A, B witamini, kalsiý we fosfor ýaly minerallar beýniniň işjeňligi üçin peýdalydyr. Her gün bu miweden ýeterlik derejede iýmek çagalarda nerw kemçilikleriniň öňüni almaga we ýady gowulandyrmaga ýardam edýär. Bilermenler ýatkeşligi pes adamlara ülje iýmegi maslahat berýärler.

**Kadaly ukyny üpjün edýär.** Terligine, kakadylan we doňdurylan görnüşinde iýilýän bu miwe kadaly uklamaga ýardam edýär. Üljäniň düzümindäki melatonin gormony uky bozulmalarynyň öňüni alýar. Bilermenler ýatmazdan ozal, bir bulgur ülje şiresini içmegi maslahat berýärler.

**Bedeni güýçlendirýär.** Hünärmenleriň geçiren barlagyna görä, türgenleşikden we sport ýaryşlaryndan soň bir hepdäniň dowamynda ülje iýmek ýa-da ülje şiresini içmek myşsalary güýçlendirmäge ýardam edýär.

Käbir adamda miwe allergiýasy bolýar. Şeýle adamlara ülje iýmek maslahat berilmeýär. Şeýle hem aşgazanynda ýetmezçiligi bolan adamlar turşumtyk tagamly bu miwäni iýmekden saklanmaly.

## ÇAGALAR

**Dünýädäki iň uly globus ABŞ-nyň Maýn şäherinde saklanýar. Aýlanýan äpet globusyň agramy 2 müň 540 kilograma barabar.**

# Aýnaly öý

Tymsal



**Kiçiräk bir obanyň gyrasynda idi-yssywat edilmeýän bir öý bar eken. Bir gezek yssydan goranmak üçin gaçalga gözläp gelen güjüjek howlynyň gapysynyň aşagyndaky deşikden sümülip girýär. Güjük haýallyk bilen köne basgançak arkaly ýokary çykyp, ýarym açyk duran gapydan içerik äňedýär.**

**Içerde müňlerçe güjügiň mähir bilen özüne bakyp duranlygyna göz ýetiren güjük guýrugyny bulap, gulaklaryny üşerdende, müňlerçe güjüjek hem bu hereketi gaýtalaýar. Şatlyk bilen içerä bakyp üýren-de bolsa, has-da geňirgenipdir. Müňlerçe güjüjek hem şatlyk bilen bu mähremligi gaýtarypdyr. Güjük dynç alan wagty beýlekilerem dynç alypdyr. Haçan-da, güjük ol ýerini terk edende: «Nähili oňat ýer, bu ýere köpräk gelmeli» diýip pikir edipdir.**

**Birnäçe wagt geçenden soňra, bu ýere başga bir güjük giripdir-de, müňlerçe güjügi görüp, eýmenipdir, çünki olar oňa hyrsyz seredipdirler. Güjük hyňranyp başlanda, müňlerçe güjük hem hyňranyp ugrapdyr. Güjük gorkunjyna otagdan gaçyp çykanda, «Nähili gorkunç ýer eken, gaýdyp dagy-duwara bu ýere gelmesem gerek» diýip, pikir ýöredipdir.**

***

**Tutuş dünýäniň ýüzi – aýna ýaly. Biz öz içimizde göterýän ýüzümizi, käwagt öz erkimize garşy durup, şol dünýä görkezýäris. Dünýä bize berýän zadymyzy – hereketlerimizi we boluşlarymyzy gaýtaryp berýär. Eger-de, dünýäniň bize gülüp bakmagyny isleýän bolsak, onda biziňem güler ýüzümiz bolmaly.**

# Globus haçan oýlanyp tapyldy?



**Ýurtlary, deňizdir derýalary, dagdyr düzlükleri öwrenmekde Ýeriň kiçeldilen nusgasy hasaplanýan globusdan giňden peýdalanylýar. Kartadan tapawutlylykda globus planetamyzyň suduryny şekillendirip bilýär. Globusyň haýsy nusgasyny satyn alanyňyzda-da, ony uzak wagtlap ulansa bolýar. Eýsem, ilkinji globus haçan ýasaldyka?**

Biziň günlerimize gelip ýeten iň gadymy globus 1492-nji ýylda nemes akyldary, matematigi, geografy we jahankeşdesi Martin Behaým (1459-1507 ý.) tarapyndan ýasalypdyr. Oýlap tapyjy ilkinji globusy göläniň derisinden gaty çekdirip, beýikli-pesli metala berkidip ýasapdyr. Şol döwürler asman giňişligi we planetamyz barada o diýen köp maglumat bolmandyr. «Ýer almasy» atly bu globusyň diametri 54 santimetre barabar bolupdyr. Ol häzirki wagtda Germaniýanyň Nýurnberg şäherindäki muzeýde saklanýar. XVI-XVII asyrlarda globuslar köpçülikleýin ýaýrap başlaýar. Ýeriň kiçeldilen nusgasy köşklerde, döwlet edaralarynda, akyldarlardyr täjirleriň öýlerinde saklanypdyr. Käbir globus has uly bolup, onda diňe bir Ýer şarynyň üstki gatlagyny däl-de, eýsem, her döwlete mahsus aýratynlyklary hem görüp bolupdyr.

Soňlugy bilen niderland ussalary hem haşamlanan globuslary ýasapdyrlar. Bu globuslar gymmat we örän seýrek duş gelýän sowgat hasaplanypdyr. Globuslaryň arasynda iň meşhury diametri 311 santimetre barabar bolan, nemes alymy Adam Olşlegelem tarapyndan 1664-nji ýylda ýasalan Gottorpskiý globusydyr. Dünýäde iň uly globus 1998-nji ýylda ABŞ-da ýasalypdyr. Onuň diametri 12,5 metre deň. Globus latynça «şar» diýmekdir. Globusda Ýeri üç ölçegli ýagdaýda has aýdyň görmek bolýar.



Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!

Labirint



7 tapawudy tapyň!



Gyzykly pursat



# Dünýäniň iň meşhur şäher seýilgähi



Nýu-Ýorkuň merkezi seýilgähi dünýädäki iň uly şäher seýilgähleriniň biridir. Amerikan medeniýetiniň meşhur nyşanlarynyň biri bolan bu seýilgäh 1857-1876-njy ýyllar aralygynda gurulýar. Tutýan meýdany 843 gektara barabar bolan bu seýilgäh uly-kiçi hemmeleriň göwnüne ýaraýar. Merkezi seýilgähde emeli köller, şarlawuklar, çemenlikler we tokaý zolaklary bolup, özboluşly tebigy gözelligi döredýär. Bu ýerde haýwanat bagy hem bar. Nýu-Ýorkuň merkezi seýilgähi şäheriň iň gelim-gidimli ýerleriniň biridir. Bu ýere ýaşaýjylar we syýahatçylar gezelenç etmäge, şeýle hem Güne ýanmak, sport görnüşleri hem-de döredijilik işleri bilen meşgullanmak üçin gelýärler.

Säher bilen seýilgähde çagalary bilen bilelikde ylgaýanlary görmek bolýar. Gezelenç etmek üçin seýilgähde kireýine welosiped hem berilýär. Seýilgähe giriş tölegsiz bolup, haýwanat bagyna gezelenç etmek tölegli amala aşyrylýar. Seýilgähde 9 müňden gowrak agaç oturgyç bar. 1908-nji ýyldan bäri merkezi seýilgähde 240-dan gowrak çeper film surata düşürilip, dünýäde iň köp surata düşürilen seýilgäh boldy. Täze ýyl baýramçylygyna bagyşlanan «Öýde ýeke özi» filminiň 2-nji böleminiň käbir gyzykly kadrlary hem şu seýilgähde surata düşürildi. Nýu-Ýorkuň merkezi seýilgähine ýylda ortaça 42 million myhman barýar.

## Çempionyň nobatdaky birinjiligi



● Moto GP boýunça möwsümiň 7-nji ýaryşy Italiýanyň Skarperia-e-San-Piero sebitindäki «Mugello» trassasynda geçirildi. 23 aýlawdan ybarat ýaryşda soňky çempion Françesko Banaia ýeňiş gazandy. «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi 40 minut 51,385 sekuntda pellehana gelip, bassyr 2-nji, möwsümdäki 4-nji ýeňşini baýram etdi. Bu onuň karýerasyndaky 22-nji ýeňşidir. Banaia sprint ýaryşynda-da ýeňiş gazanmagy başardy. Bäsleşikde Banaiadan soň 2-nji ýeri onuň topardaşy hem watandaşy Enea Bastianini eýeledi. «Ducati Prima Pramac» toparynyň ispan sürüjisi, sanawyň lideri Horge Martin 3-nji orna mynasyp boldy. Şu möwsüme geçip, özüni dürsäp başlan dünýäniň 6 gezek çempiony, «Ducati Gresini Racing» toparynyň ispan piloty Mark Markes ýaryşy 4-nji orunda tamamlady.

Geçirilen bu ýaryşdan soň Banaia sanawyň lideri Martin bilen arasyndaky utuk aratapawudyny azaltdy. Horge Martiniň 171, Françesko Banaianyň 153 utugy bar. 3-nji basgançakdaky Mark Markes bolsa 7 ýaryşda 136 utuk toplady.

Möwsümiň 8-nji «Gran Prisi» 30-njy iýunda Niderlandlaryň Assen şäherinde geçiriler.



## Tanakyň 20-nji ýeňşi

**Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 6-njy ýaryşy Italiýanyň Sardiniýa adasynda geçirildi. 16 tapgyrdan ybarat bolan 266,12 kilometrlik ýaryşda «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak ýeňiş gazandy. 3 sagat 6 minut 5,6 sekuntda pellehana gelen Tanak şu möwsümdäki ilkinji, karýerasyndaky 20-nji ýeňşini baýram etdi. Ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň fransiýaly sürüjisi Sebastian Ožie 2-nji, ýeňijiniň ispaniýaly topardaşy Dani Sordo 3-nji orny eýeledi.**

**Sürüjileriň sanawynda «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill 122 utuk bilen öňde barýar. 104 utukly 2 sürüji – Ott Tanak bilen Elfin Ewans 2-3-nji orunlary paýlaşýar.**

**Möwsümiň 7-nji ýaryşy 27–30-njy iýun aralygynda Polşada geçiriler.**

# «Real Madrid» 15-nji gezek Çempionlar Ligasynyň çempiony

**UEFA-nyň klub derejeli birinji ýaryşynda Çempionlar Ligasy ady bilen 32-nji, umumylykda-da 69-njy möwsümiň çempiony belli boldy. Londondaky «Wembley» stadionynda geçirilen finalda Germaniýanyň «Borussiýa Dortmund» topary bilen Ispaniýanyň «Real Madrid» topary duşuşdy. Sloweniýaly Slawko Winçiçiň eminlik eden oýnuna janköýerleriň 86 müň 212-si gatnaşdy.**











Duşuşyga nemes kluby «Borussiýa Dortmund» erjel girişdi. Hatda olar 1-nji ýarymda «Realdan» has köp pursat döretmegi başardy. Adeýemi, Füllkrug ýaly futbolçylar howply pursatlardan peýdalanyp bilmediler. Duşuşygyň 2-nji ýarymynyň başlarynda-da nemes kluby artykmaçlyk görkezse-de, ol hasaba täsir etmedi. Oýnuň 72-nji minutynda tälimçi Terziç duşuşygyň şol wagta çenli esasy ýyldyzlarynyň biri bolan Adeýemini çykaryp, ornuna Marko Roýsy meýdança çykardy. Şondan soň «Real Madrid» toparyna azda-kände arkaýyn hüjüm etmek pursady döredi we 74-nji minutda Adeýeminiň garşysyna oýnaýan Daniel Karwahal Toni Kroosuň burçdan ýerine ýetiren urgusynda topy kellesi bilen derwezä girizdi. Bu goldan 9 minut soň, has takygy, 83-nji minutda goragçylaryň ýalňyşlygyndan peýdalanan ispan kluby hasaby 2–0-a çykardy. Şol pursatda Winisius Junior tapawutlanyp, ol UÇL-niň final oýunlarynyň 2-sinde gol geçiren ilkinji braziliýaly futbolçy boldy. Oýnuň ahyrlarynda Füllkrugyň geçiren goly ofsaýt sebäpli hasaba alynmady. Şunlukda, «Real Madrid» 2–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, 15-nji gezek UEFA Çempionlar Ligasynyň kubogyny asmana göterdi (1956, 1957, 1958, 1959, 1960, 1966, 1998, 2000, 2002, 2014, 2016, 2017, 2018, 2022, 2024). 2-nji ýerdäki «Milandan» 8 kubok köp gazanan «Real Madrid» ýaryşyň ady UEFA Çempionlar Ligasy bolanyndan bäri ýeke sapar hem finalda ýeňilmedi. Başgaça aýdylanda, ispan topary 9 gezek finala çykyp, 9-synda hem garşydaşlaryndan üstün çykmagy başardy. «Real Madrid» taryhynda ilkinji gezek ýeňlişsiz bu kubogy gazanmagyň hötdesinden geldi. «Real Madrid» bu kubogy ýeňlişsiz gazanan 12-nji klub hökmünde hasaba alyndy. Ançelottiniň şägirtleri 13 oýnuň 9-synda ýeňiş gazanyp, 4-sinde deňme-deň oýnadylar. «Real Madrid» final oýunlarynda şu wagta çenli diňe 1 gezek gol geçirip bilmedi (1981, «Liwerpul» 1–0). Şol sanda diňe bir finalda birden köp gol geçirtdi (1964, «Inter» 3–1).

«Real Madrid» topary taryhynda 5-nji gezek bir möwsümde hem «La Liganyň», hem-de Çempionlar Ligasynyň çempionlygyny gazandy (1957, 1958, 2017, 2022, 2024).

Toparyň italiýaly tälimçisi Karlo Ançelotti 5-nji gezek (2-si «Milanda» – 2003, 2007), 3-si «Realda» – 2014, 2022, 2024) UEFA Çempionlar Ligasynyň kubogyny gazandy. Bu ugurda Bob Preýsli, Zinedin Zidan, Pep Guardiola dagy 3 kubok bilen ikinjiligi paýlaşýarlar.

10-njy iýunda 65 ýaşy dolýan italiýaly Ançelotti tälimçilik karýerasyndaky 29-njy kubogyny ýokary galdyrdy. Şolaryň 13-si «Real Madridde» bolup, tejribeli hünärmen ýene bir kubok alsa, toparyň rowaýaty tälimçisi Migel Munios bilen deňleşer. Ançelotti futbolçylyk ýyllarynda-da 2 gezek bu ýaryşda ýeňiji bolup, ol jemi 7 kubok bilen sanawyň başyny çekýär. Ançelotti UEFA-nyň ýaryşlaryndaky 10-njy kubogyny gazanyp, bu babatda-da birinji orunda barýar. Guardiola, Ferguson, Trapattoni dagynyň 7 kubogy bar.

Luka Modriç, Toni Kroos, Dani Karwahal hem-de Naço Hernandes bu kubogy 6-njy gezek gazanyp, toparyň irki döwürleriniň ýyldyzy Pablo Hentonyň rekordyna şärik boldular.

Ispan klublary UÇL-de 20-nji gezek çempionlyk gazanyp («Real Madrid» — 15, «Barselona» — 5), 2-nji iňlisler (15), 3-nji italýanlar (12) bilen arany ep-esli açdy.

Ispan klublary UEFA-nyň ýaryşlarynda soňky gezek 2001-nji ýylda ýeňlişe sezewar boldy. Şondan bäri ispan klublary finala çykan 19 duşuşygynda ýeňiş gazanmagy başardy. Soňky sapar 2001-nji ýylda Çempionlar Ligasynda «Walensiýa» «Bawariýadan» utulypdy. Ýewropa Ligasynda-da «Alawes» «Liwerpuldan» asgyn gelipdi.



«Real Madridiň» derwezeçisi Tibo Kurtua şu möwsümde Çempionlar Ligasynda ilkinji gezek meýdança çykdy. Ol Çempionlar Ligasynda bir möwsümde ilkinji duşuşygy final oýny bolan 2-nji oýunçy hökmünde hasaba alyndy. Ilkinjisi «çelsili» Raýan Bertran bolupdy (2011/12).

«Borussiýa Dortmund» 1997-nji ýylda kubogy gazananyndan soň «Wembley»-däki 2 finalda, 2013-nji ýylda «Bawariýadan», 2024-nji ýylda «Real Madridden» asgyn geldi.

## «Borussiýa Dortmund» – «Real Madrid»: 0-2



UEFA Çempionlar Ligasynyň finaly – 01.06.2024

**«BORUSSIÝA DORTMUND»:** Kobel – Rýuerson, Hummels, Şlotterbek, Maatsen – Emre Jan (k) (Mallen 80), Sabitser – Sanço (Binoe-Gittens 87), Brandt (Haller 80), Adeýemi (Roýs 72) – Füllkrug; **Tälimçi:** Edin Terziç

**«REAL MADRID»:** Kasilýas – Karwahal, Rüdiger, Naço (k), Mendi – Kroos (Modriç 85), Kamawinga, Bellingam (Hoselu 85), Walwerde – Winisius Junior (Lukas Waskes 90+4), Rodrigo (Eder Militao 90); **Tälimçi:** Karlo Ançelotti

**GOLLAR:** Karwahal 74, Junior 83

**DUŞUŞYGYŇ GAHRYMANY:** Dani Karwahal («Real Madrid»)

**EMIN:** Slawko Winçiç (Sloweniýa)

**STADION:** «Wembley» – London (Angliýa)

**TOMAŞAÇY:** 86 212

EURO 2024-e tarap

## Yzly-yzyna çempionlyk gazanan ýeke-täk ýygyndy

### Ýewropa çempionatynyň taryhyndan (gysgaça) – 5

0 7 GÜN GALDY

**2008-nji ýylda çempionat 2-nji gezek 2 ýurtda Awstriýa bilen Şweýsariýada geçirilýär.** 16 toparyň gatnaşan ýaryşynda çärýek finalda Germaniýa Portugaliýany (3–2), Türkiýe Horwatiýany (1–1, 3–1 p), Russiýa Niderlandlary (3–1 g.w.) hem-de Ispaniýa Italiýany (0–0, 4–2 p) ýaryşdan çykarýar. Ýarym finalda Germaniýa Türkiýäni 3–2, Niderlandlar Russiýany 3–0 hasaplar bilen ýeňýär. Finalda-da Ispaniýanyň ýygyndysy Germaniýany Fernando Torresiň 33-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňip, 44 ýyldan soň 2-nji çempionlygyny gazanýar.



**Çempionat 2012-nji ýylda ýene-de 2 ýurtda – Polşa bilen Ukrainada geçirilip, 16 ýygyndy ýaryşa gatnaşýar.** Ýer eýeleriniň 2-sine hem toparçadan çykmak başartmaýar. Çärýek finalda Portugaliýa Çehiýany Ronaldonyň goly bilen 1–0, Ispaniýa bolsa Habi Alonsonyň gollary esasynda Fransiýany 2–0 hasaplar bilen ýeňýär. Germaniýa Gresiýany 4–2 ýeňse, Italiýa penaltileriň netijesine Angliýany utýar. Ýarym finalda Balotelliniň gollary bilen Italiýa Germaniýadan 2–1 hasabynda üstün çykýar. Golsuz geçen oýundan soň penaltilerde Ispaniýanyň ýygyndysy Portugaliýany ýaryşdan çykarýar. Kiýewdäki finalda-da Ispaniýanyň ýygyndysy Italiýany uly hasap bilen 4–0 (Silwa 14, Alba 41, Torres 84, Mata 88) hasabynda ýeňip, bassyr 2-nji, umumylykda-da 3-nji gezek yklymyň çempiony bolýar. Ýewropa çempionatynda ilkinji gezek bir ýygyndy yzly-yzyna çempionlyk gazanýar.

**2016-njy ýylda çempionat Fransiýada guralýar.** Ilkinji gezek 24 ýygyndynyň arasyndaky geçirilen ýaryşyň ýarym finalyna çempionatyň 2 debýutanty, garaşylmadyk 2 ýygyndy — Uels bilen Islandiýa çykýar. Uels Portugaliýadan 2–0, Islandiýa Fransiýadan 5–2 hasaplar bilen utulýar. Finalda Portugaliýa bilen ýer eýeleri Fransiýanyň ýygyndysy duşuşýar. Çekeleşikli geçen oýnuň esasy wagtynda hasap açylmaýar. Goşmaça wagtda, has takygy, 109-njy minutda Ederiň ýeke-täk goly portugallara ýeňiş getirýär we Portugaliýanyň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek Ýewropanyň çempiony bolýar.

**16-njy Ýewropa çempionaty 2020-nji ýylda geçirilmelidi.** Ýöne pandemiýa sebäpli çempionat 2021-nji ýylda geçirilýär. 24 ýygyndynyň gatnaşan ýaryşy diňe bir ýurtda däl, yklymyň 11 ýurdunyň 11 şäherinde guralýar. Ýarym final we final duşuşyklary bolsa Londondaky «Wembley» stadionynda oýnalýar. Italiýanyň ýygyndysy ýarym finalda Ispaniýany penaltileriň netijesinde, Angliýa bolsa Daniýany goşmaça wagtda 2–1 hasabynda ýeňýär. Final duşuşygynyň esasy wagtynda ýeňiş gazanan bolmaýar (Bonuççi 67 — Luk Şaw 2). Penaltilerde-de Italiýanyň ýygyndysy 3–2 hasabynda üstün çykyp, 53 ýyldan soň yklymyň iň ulusy bolýar. Ýeňlişsiz çempionlyk gazanan Italiýanyň ýygyndysy taryhy başarnyk görkezýär.



## NBA-nyň finaly: «Dallasmy» ýa-da «Boston»

Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da final duşuşyklaryna şu gün badalga berler. «Dallas Maweriks» bilen «Boston Seltiks» toparlarynyň arasyndaky final duşuşyklarynyň ilkinji 2 oýny Bostonda (7-nji we 10-njy iýunda), 3–4-nji duşuşyklar Dallasda (13-nji we 15-nji iýunda) geçiriler. Gerek bolan ýagdaýynda 5-nji duşuşyk 18-nji iýunda Bostonda, 6-njy duşuşyk 21-nji iýunda Dallasda, 7-nji duşuşyk bolsa 24-nji iýunda Bostonda geçiriler. Ilkinji 4 duşuşykda ýeňiş gazanan topar 78-nji möwsümiň çempiony bolar.

«Dallas Maweriks» topary Günbatar Konferensiýanyň finalynda 5 oýnuň netijesinde «Minnesota Timberwolwes» toparyny, «Boston Seltiks» topary-da Gündogar Konferensiýanyň finalynda «Indiana Peýsersi» 4:1 hasabynda ýeňipdi. «Dallas Maweriks» 3-nji gezek NBA-nyň finalynda oýnar. «Dallas Maweriks» topary mundan öňki finalyň 2-sinde-de «Maýami Hit» bilen duşuşyp, garşydaşyndan 2006-njy ýylda asgyn gelipdi, 2011-nji ýylda bolsa üstün çykyp, ilkinji çempionlygyny baýram edipdi.



«Boston Seltiks» topary-da 23-nji gezek NBA-nyň finalynda çykyş eder. Şolaryň 17-sinde kubogy eýelän «Boston Seltiks» bu ugurda «Los Anjeles Leýkers» bilen rekordy paýlaşýar. 5 gezek finalda utulan «Boston Seltiks» topary soňky sapar 2008-nji ýylda çempion bolupdy.

## Iň köp gatnaşan topar Germaniýanyň ýygyndysy

Ýene-de laýyk 1 hepdeden Ýewropa yklymyny EURO 2024 – futbol ýaryşy gurşap alar. Bir aýlap dowam etjek 17-nji Ýewropa çempionatyna 24 ýygyndy gatnaşyp, olar 6 toparçada çykyş eder. Öz gözbaşyny 1960-njy ýyldan alyp gaýdýan Ýewropa çempionaty mundan öň 16 gezek geçirildi. Her 4 ýyldan geçirilýän ýaryşyň diňe pandemiýa sebäpli 2021-nji ýylda geçiriliş tertibini üýtgetmeli boldy.

UEFA-nyň 55 agzasy bolup, şolaryň 35-si yklym ýaryşyna azyndan 1 gezek gatnaşdy, jemi 10 ýygynda çempion bolmak başartdy. Ýaryşyň iň täze wekili Gruziýanyň ýygyndysydyr.



Ýewropa çempionatyna iň köp gatnaşan topar Germaniýanyň ýygyndysy bolup, EURO 2024-iň guraýjysy 14-nji gezek wekilçilik eder. Olar diňe ilkinji 3 çempionaty goýberdiler. Bu görkeziji boýunça Ispaniýanyň hem-de Russiýanyň ýygyndylary (5-si SSSR hem-de GDA ady bilen) 12 gezek gatnaşyp, ikinjiligi paýlaşýarlar.

5 ýygyndy 11-nji gezek Ýewropa çempionatyna wekilçilik eder. Olar soňky çempion Italiýadyr Fransiýanyň, Niderlandlaryň, Çehiýanyň hem-de Angliýanyň ýygyndylarydyr. Daniýa 10-njy, ilkinji 6 çempionaty goýberen Portugaliýa 9-njy gezek Ýewropa çempionatynda çykyş eder.

EURO 2024-e gatnaşýan 24 ýygyndynyň 5-sinden galany geçen çempionatda hem çykyş edipdi. 17-nji Ýewropa çempionatyna ozal çempionlyk gazanan 2 ýygyndy Russiýa bilen Gresiýanyň ýygyndysy gatnaşmaz.

Islandiýanyň, Norwegiýanyň, D. Irlandiýanyň, Finlýandiýanyň, Latwiýanyň hem-de D. Makedoniýanyň milli toparlary yklym ýaryşyna häzirlikçe 1 gezeklik wekilçilik eden toparlardyr.

Çempionatda iň köp duşuşyk geçiren topar Germaniýanyň ýygyndysy bolup, olar 53 oýun oýnadylar. Iň köp ýeňiş hem nemeslere degişlidir (27 ýeňiş). Olar Russiýadan soň (16) iň köp ýeňlen 2-nji topardyr (13). Iň köp deňme-deň galan topar Italiýanyň ýygyndysy bolup, olaryň 45 duşuşygynyň 18-si deňlikde tamamlandy. Italiýanyň ýygyndysy 6 ýeňliş bilen 10 gezekden köp gatnaşan toparlaryň arasynda iň az duşuşykda utulan topar hökmünde sanawyň öňünde barýar.

Iň köp gol geçiren topar hem Germaniýa bolup (78), olar şol bir wagtyň özünde-de iň köp gol geçirden topardyr (55).

Şu wagta çenli Ýewropa çempionatyna gatnaşan 34 ýygyndynyň (Gruziýanyň ýygyndysy indi duşuşyk geçirmeli) ähli azyndan 1 gol geçirdi.

| EURO 2024-e GATNAŞÝAN TOPARLAR | Gatnaşan sany | Duşuşyk | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | GOL | 1960 (4) | 1964 (4) | 1968 (4) | 1972 (4) | 1976 (4) | 1980 (8) | 1984 (8) | 1988 (8) | 1992 (8) | 1996 (16) | 2000 (16) | 2004 (16) | 2008 (16) | 2012 (16) | 2016 (24) | 2020 (4) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| GERMANIÝA (3) | 14 | 53 | 27 | 13 | 13 | 78–55 | – | – | – | ÇEMP | 2-nji | ÇEMP | 1 TAP | 1/2 F | 2-nji | ÇEMP | 1 TAP | 1 TAP | 2-nji | 1/2 F | 1/2 F | 1/8 F |
| ISPANIÝA (3) | 12 | 46 | 21 | 15 | 10 | 68–42 | – | ÇEMP | – | – | – | 1 TAP | 2-nji | 1 TAP | – | 1/4 F | 1/4 F | 1 TAP | ÇEMP | ÇEMP | 1/8 F | 1/2 F |
| ITALIÝA (2) | 11 | 45 | 21 | 18 | 6 | 52–31 | – | – | ÇEMP | – | – | 4-nji | – | 1/2 F | – | 1 TAP | 2-nji | 1 TAP | 1/4 F | 2-nji | 1/4 F | ÇEMP |
| FRANSIÝA (2) | 11 | 43 | 21 | 12 | 10 | 69–50 | 4-nji | – | – | – | – | – | ÇEMP | – | 1 TAP | 1/2 F | ÇEMP | 1/4 F | 1 TAP | 1/4 F | 2-nji | 1/8 F |
| NIDERLANDLAR (1) | 11 | 39 | 20 | 8 | 11 | 65–41 | – | – | – | – | 3-nji | 1 TAP | – | ÇEMP | 1/2 F | 1/4 F | 1/2 F | 1/2 F | 1/4 F | 1 TAP | – | 1/8 F |
| ÇEHIÝA (1) | 11 | 37 | 15 | 7 | 15 | 48–47 | 3-nji | – | – | – | ÇEMP | 3-nji | – | – | – | 2-nji | 1 TAP | 1/2 F | 1 TAP | 1/4 F | 1 TAP | 1/4 F |
| ANGLIÝA | 11 | 38 | 15 | 13 | 10 | 51–37 | – | – | 3-nji | – | – | 1 TAP | – | 1 TAP | 1 TAP | 1/2 F | 1 TAP | 1/4 F | – | 1/4 F | 1/8 F | 2-nji |
| DANIÝA (1) | 10 | 33 | 10 | 6 | 17 | 42–50 | – | 4-nji | – | – | – | – | 1/2 F | 1 TAP | ÇEMP | 1 TAP | 1 TAP | 1/4 F | – | 1 TAP | – | 1/2 F |
| PORTUGALIÝA (1) | 9 | 39 | 19 | 10 | 10 | 56–38 | – | – | – | – | – | – | 1/2 F | – | – | 1/4 F | 1/2 F | 2-nji | 1/4 F | 1/2 F | ÇEMP | 1/8 F |
| BELGIÝA | 7 | 22 | 11 | 2 | 9 | 31–28 | – | – | – | 3-nji | – | 2-nji | 1 TAP | – | – | – | 1 TAP | – | – | – | 1/4 F | 1/4 F |
| HORWATIÝA | 7 | 22 | 9 | 6 | 7 | 30–28 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1/4 F | – | 1 TAP | 1/4 F | 1 TAP | 1/8 F | 1/8 F |
| SERBIÝA | 6 | 14 | 3 | 2 | 9 | 22–39 | 2-nji | – | 2-nji | – | 4-nji | – | 1 TAP | – | – | – | 1/4 F | – | – | – | – | – |
| ŞWEÝSARIÝA | 6 | 18 | 3 | 8 | 7 | 16–24 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP |  | 1 TAP | 1 TAP | – | 1/8 F | 1/4 F |
| TÜRKIÝE | 6 | 18 | 4 | 2 | 12 | 14–30 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | 1/4 F | – | 1/2 F | – | 1 TAP | 1 TAP |
| RUMYNIÝA | 6 | 16 | 1 | 5 | 10 | 10–21 | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | – | – | 1 TAP | 1/4 F | – | 1 TAP | – | 1 TAP | – |
| WENGRIÝA | 5 | 11 | 2 | 4 | 5 | 14–20 | – | 3-nji | – | 4-nji | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1/8 F | 1 TAP |
| POLŞA | 5 | 14 | 2 | 7 | 5 | 11–15 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | 1 TAP | 1/4 F | 1 TAP |
| AWSTRIÝA | 4 | 10 | 2 | 2 | 6 | 7–12 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | – | 1 TAP | 1/8 F |
| UKRAINA | 4 | 11 | 3 | 0 | 8 | 8–19 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | 1 TAP | 1 TAP |
| ŞOTLANDIÝA | 4 | 9 | 2 | 2 | 5 | 5–10 | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | 1 TAP | – | – | – | – | – | 1 TAP |
| SLOWAKIÝA | 3 | 15 | 5 | 4 | 6 | 17–23 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1/8 F | 1 TAP |
| ALBANIÝA | 2 | 3 | 1 | 0 | 2 | 1–3 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | – |
| SLOWENIÝA | 2 | 3 | 0 | 2 | 1 | 4–5 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | – | – | – | – | – |
| GRUZIÝA | 1 | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – |
| **EURO 2024-e GATNAŞMAÝAN, ÝÖNE MUNDAN ÖŇKI ÝEWROPA ÇEMPIONATLARYNA WEKILÇILIK EDENLER** | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| RUSSIÝA (1) | 12 | 36 | 13 | 7 | 16 | 40–52 | ÇEMP | 2-nji | 4-nji | 2-nji | – | – | – | 2-nji | 1 TAP | 1 TAP | – | 1 TAP | 1/2 F | 1 TAP | 1 TAP | 1 TAP |
| ŞWESIÝA | 7 | 24 | 7 | 7 | 10 | 30–28 | – | – | – | – | – | – | – | – | 1/2 F | – | 1 TAP | 1/4 F | 1 TAP | 1 TAP | 1 TAP | 1/8 F |
| GRESIÝA (1) | 4 | 16 | 5 | 3 | 8 | 14–20 | – | – | – | – | – | 1 TAP | – | – | – | – | – | ÇEMP | 1 TAP | 1/4 F | – | – |
| IRLANDIÝA | 3 | 10 | 2 | 2 | 6 | 6–17 | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | – | – | – | – | – | 1 TAP | 1/8 F | – |
| UELS | 2 | 10 | 5 | 1 | 4 | 13–12 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1/2 F | 1/8 F |
| BOLGARIÝA | 2 | 6 | 1 | 1 | 4 | 4–13 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | – | 1 TAP | – | – | – | – |
| ISLANDIÝA | 1 | 5 | 2 | 2 | 1 | 8–9 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1/4 F | – |
| NORWEGIÝA | 1 | 3 | 1 | 1 | 1 | 1–1 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | – | – | – | – | – |
| D. IRLANDIÝA | 1 | 4 | 1 | 0 | 3 | 2–3 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1/8 F | – |
| FINLÝANDIÝA | 1 | 3 | 1 | 0 | 2 | 1–3 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP |
| LATWIÝA | 1 | 3 | 0 | 1 | 2 | 1–5 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP | – | – | – | – |
| D. MAKEDONIÝA | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–8 | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1 TAP |

**Bellik: * Irki ýyllarda Germaniýa — Günbatar Germaniýa, Russiýa — SSSR, Serbiýa — Ýugoslawiýa, Serbiýa we Garadag, Çehiýa — Çehoslowakiýa diýen atlar bilen gatnaşdylar. 1TAP – toparça, 1/8 F — 1/8 final, 1/4 F— çärýek final, 1/2 F — ýarym final, 4-nji — 4-nji ýer, 3-nji — 3-nji ýer, 2-nji — 2-nji ýer, ÇEMP — Çempion**

# Toparlaryň täze tälimçileri

**Ýewropada 2023/2024 futbol möwsümi ähli ýurtlarda tamamlanyp, hemmäniň ünsi ýene-de bir hepdeden başlanjak EURO 2024-e gönükdirildi. 2023/24 möwsümi käbir klublar üçin şowly tamamlanan bolsa, elbetde, käbir klublar üçinem juda şowsuz ýa-da garaşylyşyndan pes geçdi. Möwsümi şowsuz tamamlan klublaryň käbirleri bolsa täze möwsüme başga tälimçi bilen başlanyny kem görmän, öňki hünärmenlerini wezipeden boşatdy we olaryň ornuna täzelerini belledi.**

Ilki Angliýadan başlasak, möwsümi 3-nji orunda tamamlan «Liwerpul» topary Ýurgen Kloppuň öz islegi bilen wezipesinden gitmeginden soň, onuň ornuna Arne Sloty tälimçilige belledi. «Liwerpuldaky» 9 ýyllyk başdangeçirmesi tamamlanan Kloppuň ornuna bellenen 45 ýaşyndaky Slot 3 ýyldan bäri «Feýenoord» toparynyň tälimçisi bolup işleýärdi. «Feýenoordy» 2023-nji ýylda çempion eden niderland tälimçi «Liwerpul» bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Liwerpul» topary Slotuň transferi üçin «Feýenoord» toparyna öweztöleg hökmünde 10–15 million ýewro töläр.

### POÇETTINONYŇ ORNUNA MARESKA

● Möwsüme şowsuz başlap, soňlugy bilen 6-njy orunda tamamlan «Çelsi» hem tälimçi Maurisio Poçettinony özara düşünişmezlikleriň netijesinde, iki tarapyň ylalaşygy boýunça topardan ugratdy. Ýogsam argentinaly tälimçi geçen tomusda bu wezipä bellenilipdi. «Çelsi» Poçettinonyň ornuna «Lester Sitini» tamamlanan möwsümde 2-nji ligada çempion edip, «Premier Liga» çykaran italiýaly tälimçi Enzo Mareska bilen 5+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Çelsi» «Lestere» Mareska üçin 10–15 million ýewro berer. 44 ýaşyndaky Mareska «Çelsi» klubunyň taryhynda topara tälim berjek 6-njy italiýaly tälimçi bolar.

Şeýle-de, Angliýada «West Ham» topary 6 ýyl tälimçilik eden tälimçisi Dewid Moýeziň ornuna ispaniýaly Hulen Lopetegini wezipä belledi. Londonlylar 57 ýaşyndaky tälimçi bilen 2+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Lopetegi ozal «Porto», «Real Madrid», «Sewilýa», gysga wagtlyk hem bolsa «Wulwerhempton» klublaryna, şol sanda Ispaniýanyň ýygyndysyna tälimçilik edipdi.

### «SERIE-A»-DA ESASY KLUBLAR TÄLIMÇISINI ÇALYŞÝAR

● Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da hem birnäçe klub tälimçisini ugratdy. «Ýuwentus» topary kubok ýaryşynyň finalyndan soň eden käbir hereketleri sebäpli Massimliano Allegrini wezipesinden boşadyp, onuň ornuna ýaş tälimçini getirdi. Turinliler tamamlanan möwsümde 5-nji orny eýeläp, ilkinji gezek Çempionlar Ligasyna gatnaşýan «Bolonýanyň» tälimçisi Tiago Mottany toparyň täze tälimçisi edip bellediler. Asly Braziliýadan bolan italiýaly hünärmen bilen entek resmi şertnama baglaşylmady. Ýöne gysga wagtyň içinde resmi beýanatyň berilmegine garaşylýar.

Şonuň ýaly-da, wise-çempion «Milan» hem 5 ýyllyk tälimçisi Stefano Piolini topardan ugratdy. Häzirki wagtda «Milanyň» tälimçisi belli bolman, klubuň ýolbaşçylary portugaliýaly tälimçi 2 gün öň «Lill» toparynyň tälimçiligini taşlan Paulo Fonsekany tälimçilige bellemek üçin gepleşikler geçirýär. Fonsekanyň geljek hepde «Milan» bilen şertnama baglaşmagyna garaşylýar.

Yzly-yzyna UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň finalynda utulan «Fiorentina» hem tälimçisini täzeledi. 2021-nji ýyldan bäri topara tälim berip gelýän Winçenzo Italianonyň şertnamasy tamamlanyp, onuň ornuna 40 ýaşyndaky Rafaele Palladino tälimçilige bellendi. Rafaele Palladino 2 möwsümden bäri «Monza» toparynyň tälimçisi bolup işläp gelýärdi.



«Fiorentinadan» gaýdan Italiano bolsa ýurduň başga bir kluby «Bolonýa» bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Tiago Mottanyň ornuna wezipä gelen Italiano täze möwsümde «Bolonýa» bilen Çempionlar Ligasyna gatnaşar.

Çempion hökmünde başlan möwsümini 10-njy orunda tamamlan «Napoli» topary-da wagtlaýynça bellenen Françesko Kalzonanyň ornuna geçen ýylyň martyndan bäri hiç bir kluba tälim bermeýän italiýaly Antonio Konteni wezipä belledi. Neapollylar 54 ýaşyndaky tälimçi bilen 3 ýyla niýetlenen ylalaşyk gazandylar. Konte mundan ozal «Atalanta», «Ýuwentus», «Çelsi», «Inter», «Tottenham» ýaly klublara, şol sanda Italiýanyň milli ýygyndysyna tälimçilik edipdi.

### «BAWARIÝA» ÝAŞ TÄLIMÇÄ BIL BAGLADY

● Germaniýada 13 ýyldan soň bir möwsümi kuboksyz tamamlan «Bawariýa» toparynyň Tomas Tuheli ugratjakdygy ozaldan bellidi. Ýöne onuň ornuna kimiň bellenjekdigi anyk däldi. Hansi-Flik, Zidan, Nagelsmann we başga-da birnäçe tälimçiniň ýüz öwürmeginden soň topar ýaş tälimçini, belgiýaly Wensan Kompanini wezipä belledi. Münhenliler 38 ýaşyndaky hünärmen bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdylar. «Anderleht», «Hamburg» hem-de «Mançester Siti» klublarynda futbol oýnan Kompani ýene-de «Anderleht» toparynda tälimçilige başlap, ol 2022-nji ýylda «Börnli» toparynyň tälimçiligine bellenipdi. Ilkinji möwsüminde «Börnlini» 2-nji ligada çempion edip, «Premier Liga» çykaran Kompani bir möwsümden soňam ýene-de «Championship»-e dolandy. «Bawariýa» kluby «Börnli» toparyna Kompaniniň transferi üçin 13 million ýewro golaý töleg eder.

### HAWI GITDI, HANSI-FLIK GELDI

● Ispaniýada hem möwsümi kuboksyz tamamlan «Barselona» topary Hawi Hernandesi ugradyp, onuň ornuna germaniýaly Hans-Diter Fliki tälimçilige belledi. Katalonlar 59 ýaşyndaky hünärmen bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Hansi-Flik soňky gezek 2021–2023-nji ýyllarda Germaniýanyň milli ýygyndysyna tälim beripdi. Ol ondan öň «Bawariýada» 2 ýyl işläp, 1996–2000-nji ýyllarda «Wiktoriýa Bammental», 2000–2005-nji ýyllarda-da «Hoffenhaým» toparynyň tälimçisi bolupdy.

«Sewilýa» toparynda-da Kiki Sançes Floresiň ornuna «Las Palmasyň» tälimçisi, 49 ýaşyndaky ispaniýaly Garsiýa Pimienta bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşyldy. Ispaniýada «Malýorka» toparynda-da meksikaly Hawier Agirreniň klub bilen 2 ýyllyk şertnamasy tamamlandy.

### MOURINIO «FENERBAHÇEDE»

● Dünýä belli portugaliýaly tälimçi Žoze Mourinionyň hem täze topary belli boldy. Ýanwar aýynda «Romadan» ugradylan 61 ýaşyndaky belli tälimçi Türkiýäniň wise-çempiony «Fenerbahçe» bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Karýerasy boýunça «Porto», «Çelsi», «Inter», «Real Madrid», «Mançester Ýunaýted», «Tottenham» hem-de «Roma» ýaly yklymyň öňdebaryjy klublarynda işlän Mourinio 10 ýyldan bäri çempionlyk gazanyp bilmän gelýän «Fenerbahçe» toparyndan ýyllyk 12 million ýewro hak alar.

Fransiýada-da «Marsel» toparynda weteran tälimçi Žan-Lui Gasse wezipesini taşlady. Onuň ornuna Seržio Konseýsaonyň ady agzalýar. Çempionaty 5-nji orunda tamamlan «Nissa» toparynyň italiýaly tälimçisi Françesko Farioli Niderlandlaryň meşhur kluby «Aýaksyň» täze tälimçisi boldy. 3 ýyllyk şertnama gol çekişen 35 ýaşyndaky Farioli amsterdamlylaryň taryhyndaky ilkinji italýan, hem-de 27 ýyldan soň klubuň ilkinji daşary ýurtly tälimçisi bolar.

## MBAPPE MADRIDDE

**Soňky 4–5 ýyldan bäri gürrüňi edilýän transfer, ine, bu günki gün, ahyry hakykat ýüzünde öz beýanyny tapdy. Her transfer möwsüminde ähli ünsleri özünde jemlän Kilian Mbappe – «Real Madrid» gürrüňleri resmi ýagdaýda hakykata öwrüldi. Ispan topary resmi ýagdaýda fransiýaly ýyldyzy düzümine goşandygyny habar berdi.**

Mbappe özüniň «Reala» transfer bolmagy bilen baglanyşykly sosial media hasabynda: — Düýş hasyl boldy. Çagalyk arzuwym bolan «Real Madride» goşulmak meniň üçin uly abraý hem-de begenjimiň çägi ýok. Nähili derejede tolgundyryjy ýagdaýdygyna hiç kim göz ýetirip bilmez. Madridliler, siziň bilen duşuşmaga sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn. Ajaýyp goldawyňyz üçin köp sag boluň! — diýip, begenjini paýlaşdy.

25 ýaşyndaky super ýyldyzyň 5 ýyllyk şertnama baglaşandygy mälim edildi. Şertnamanyň jikme-jik ýagdaýy barada häzirlikçe iki tarap hem dil ýarmady. Ýöne žurnalistleriň, gazetleriň habar bermegine görä, oýunça gol çekeni üçin 125 million ýewro möçberinde töleg ediler. Onuň klubdan aljak ýyllyk haky ähli salgytlary klubuň özi tölände 15–20 million ýewro aralygynda bolar. Ol PSŽ-den ýyllyk arassa 70 million ýewro alýardy. Şol bir wagtyň özünde oýunçynyň mahabatlardan, imij hukuklaryndan gazanjak girdejisiniň 80 göterimi Mbappede galar.



Futbola 2015-nji ýylda «Monako» toparynda başlan Mbappe 2 möwsüm bu klubda çykyş etdi. Bu toparda jemi 60 oýunda 27 gol geçiren Mbappe 2016/17 möwsüminde «Ligue 1»-iň çempionlygyny hem gazandy. 2017/18 möwsümini PSŽ-de kärendesine geçiren Mbappeni parižliler 1 möwsümden soň 180 million ýewro berip, ymykly transfer etdi. Ol PSŽ-de 6 möwsümde 308 duşuşyk geçirdi. Şolarda 256 gol geçirip, 108 goluň pasyny berdi. Mbappe PSŽ-de 15 kubok gazanyp, olaryň hiç biri-de halkara ýaryşlardan bolman, «Ligue 1»-iň çempionlygyny 6, Fransiýanyň Kubogyny 4, Fransiýanyň Liga Kubogyny 2, Fransiýanyň Super Kubogyny 3 gezek asmana göterdi.

«Real Madrid» topary täze ýyldyzynyň tanyşdyrylyş dabarasyny «Santiago Bernabeuda» 15-nji ýa-da 16-njy iýulda guramak isleýär.

Mbappe erkin agent ýagdaýynda transfer edilen iň gymmat futbolçy boldy. «Transfermarkt»-iň bellemegine görä, Mbappeniň gymmaty 180 million ýewro deňdir. Bu ugurda ozalky rekord Lionel Messi bolup, PSŽ 80 million ýewro möçberinde gymmaty bolan argentinaly ýyldyzy erkin agent ýagdaýynda düzümine goşupdy.

Fransiýanyň ýygyndysy bilen 2018-nji ýylda Dünýä Kubogyny gazanan Mbappe 2022-nji ýylda kümüş medala mynasyp boldy. Onuň milli toparda 77 oýunda 46 goly bar.

## «Florida» 1-nji, «Edmonton» 6-njy çempionlygyna ymtylýar

**Amerikanyň Milli hokkeý ligasy NHL-de Stenli Kubogynyň finalçylary belli boldy. Konferensiýalaryň final duşuşygyndan soň «Florida Panters» bilen «Edmonton Oýlers» toparlary finalda oýnamaga hukuk gazandy.**

Gündogar Konferensiýanyň finalynda «Florida Panters» topary «Nýu Ýork Reýnjersi» 6-njy duşuşykda 2:1 hasabynda ýeňip, umumy hasapda 4:2 öňe saýlan we bassyr 2-nji umumylykda-da 3-nji gezek finala çykmagy başardy. Günbatar Konferensiýanyň finalynda-da ýeňiji 6 duşuşykda belli bolup, Kanadanyň «Edmonton Oýlers» topary 6-njy duşuşykda «Dallas Stars» toparyny 2:1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Şunlukda, umumy hasapda 4:2 öňe geçen «Edmonton Oýlers» topary 18 ýyldan soň 2-nji gezek NHL-iň finalyna çykdy.

Şu wagta çenli Stenli Kubogyny gazanyp bilmedik «Florida Panters» 1996-njy we 2023-nji ýyllardaky finalda utulypdy. 8-nji gezek finala çykan «Edmonton Oýlers» toparynyň 5 çempionlygy bolup, olar bu ugurda 6-njy orunda barýar. 1984-nji, 1985-nji, 1987-nji, 1988-nji hem-de 1990-njy ýyllarda çempionlyk gazanan «Edmonton Oýlers» 1983-nji we 2006-njy ýyllarda-da finalda ýeňlişe sezewar bolupdy.

«Florida Panters» bilen «Edmonton Oýlers» toparlarynyň Stenli Kubogy ugrundaky final duşuşyklaryna



9-njy iýunda badalga berler. Ilkinji 2 duşuşyk 9-njy we 11-nji iýunda Floridada, 14-nji we 16-njy iýundaky 3–4-nji duşuşyklar Kanadanyň Edmonton şäherinde geçiriler. Gerek bolan ýagdaýynda-da 5–6–7-nji duşuşyklar degişlilikde, 19-njy (Floridada), 22-nji (Edmontonda) hem-de 25-nji (Floridada) iýunda oýnalar.





